TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– EDERMEN PILEÇILERIMIZIŇ YHLAS SIŇDIRIP, IRGINSIZ ÇEKEN ZÄHMETINIŇ NETIJESINDE ÖNDÜRILEN PILÄNIŇ BOL HASYLY BAGTYÝAR DURMUŞDA ÝAŞAÝAN AGZYBIR HALKYMYZYŇ HALAL OJAKLARYNYŇ BEREKEDIDIR, ATA-BABALARYMYZYŇ GADYMY HÜNÄRLERINIŇ BIRI BOLAN ÝÜPEKÇILIGIŇ MYNASYP DOWAM ETDIRILÝÄNDIGINIŇ AÝDYŇ SUBUTNAMASYDYR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN

10-njy iýun, 2022. Belgisi 23/1485



# ÝURDUMYZYŇ OBA HOJALYK TOPLUMY ÖSDÜRILÝÄR

**8-nji iýunda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň obasenagat toplumyna gözegçilik edýän orunbasary A.Ýazmyradow bilen sanly ulgam arkaly maslahat geçirdi. Onda möwsümleýin oba hojalyk işleriniň geçirilişi baradaky meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy hem-de birnäçe çözgütler kabul edildi.**

Döwlet Baştutanymyz maslahaty açyp, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary A.Ýazmyradowa söz berdi. Wise-premýer hasabatyny ýurdumyzyň ýüpekçileriniň pile taýýarlamak boýunça şertnamalaýyn borçnamalaryny üstünlikli ýerine ýetirendikleri baradaky hoş habardan başlady.

Hormatly Prezidentimiz tarapyndan pudagy goldamak boýunça toplumlaýyn çäreleriň yzygiderli alnyp barylmagy netijesinde ýüpekçiligi ösdürmek üçin ähli zerur şertler döredildi. Döwlet tarapyndan berilýän giň gerimli goldawlar esasynda, ýurdumyzyň zähmetsöýer ýüpekçileri Watan harmanyna 2300 tonnadan gowrak pile tabşyryp, şertnamalaýyn borçnamalaryny abraý bilen ýerine ýetirdiler.

Wise-premýer hormatly Prezidentimizi ýüpekçilerimiziň bu zähmet ýeňşi bilen gutlap, oba hojalyk pudagynyň zähmetkeşleriniň adyndan netijeli zähmet çekmek üçin döredilen şertler üçin döwlet Baştutanymyza hoşallyk bildirdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hoş habary kanagatlanma bilen kabul edip, halkymyzy hem-de edermen pileçilerimizi Watanymyzyň pile harmanyna 2300 tonnadan gowrak ýokary hilli piläniň tabşyrylmagy mynasybetli tüýs ýürekden gutlady. Döwlet Baştutanymyz edermen pileçilerimiziň yhlas siňdirip, irginsiz çeken zähmetiniň netijesinde öndürilen piläniň bol hasylynyň bagtyýar durmuşda ýaşaýan agzybir halkymyzyň halal ojaklarynyň berekedidigini nygtady.

Milli ykdysadyýetimiziň möhüm pudaklarynyň biri bolan dokma senagatyny ösdürmekde ýüpek önümçiligine aýratyn orun degişlidir.

Häzirki döwürde ýüpek önümçiligi döwrüň ösen talaplary esasynda ýola goýuldy. Aşgabadyň ýüpek fabrigi we Türkmenabadyň ýüpek önümçilik birleşigi öndürilýän ýüpegi gaýtadan işleýän esasy kärhanalar bolup, olar doly döwrebaplaşdyryldy hem-de häzirki zaman enjamlary bilen üpjün edildi. Bu kärhanalarda ýüpek halylaryny, milli keteni matalaryny we beýleki önümleri taýýarlamak üçin täze önümhanalar açyldy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow geljekde ýüpekçilige goýberilýän maýa goýum serişdeleriniň möçberiniň has-da artdyrylmagynyň göz öňünde tutulýandygyny, munuň bolsa ilatymyz üçin goşmaça iş orunlaryny döretmäge, gymmatly çig malyň öndürilýän mukdaryny artdyrmaga mümkinçilik berjekdigini belledi.

Döwlet Baştutanymyz pileçileri hem-de ähli türkmen halkyny pile tabşyrmak boýunça şertnamalaýyn borçnamanyň ýerine ýetirilip, uly zähmet üstünliginiň gazanylmagy bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlap, hemmelere berk jan saglyk, abadan durmuş, ýurdumyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmegi ugrunda çekýän yhlasly zähmetinde has-da belent sepgitlere ýetmeklerini arzuw etdi.

Hormatly Prezidentimiz welaýatlaryň ählisinde dabaraly çäreleri geçirip, ýokary netijeleri gazanan ähli pileçilere we işgärlere sowgatlary dabaraly ýagdaýda gowşurmagy guramak barada wise-premýere tabşyryk berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary ýurdumyzyň welaýatlarynda alnyp barylýan möwsümleýin meýdan işleri barada hasabat berdi.

Şu günler Ahal, Lebap we Mary welaýatlarynda bugdaý hasylyny gysga wagtda, ýitgisiz ýygnap almak boýunça zerur işler dowam edýär, Balkan we Daşoguz welaýatlarynda galla oragyna 10-njy iýunda başlamak boýunça degişli taýýarlyk işleri geçirilýär. Şunuň bilen birlikde, galla oragynda däne ýygýan kombaýnlary, bugdaý daşaýan awtoulaglary doly güýjünde işletmek hem-de ýygnalan hasyly galla kabul ediş bölümlerinde bökdençsiz kabul etmek ugrunda zerur işler alnyp barylýar. Mundan başga-da, ekilen ýazlyk ýeralma we gök-bakja ekinlerine agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ideg etmek, irki ýetişen ýeralmany we gök ekinleriň hasylyny ýygnap almak, ilatymyza ýetirmek hem-de sowadyjy ammarlarda ýerleşdirmek, gök ekinleriň güýzki ekişine taýýarlyk görmek boýunça degişli işler geçirilýär.

Ýurdumyzda häzir gowaça ekişi tamamlaýjy tapgyrda alnyp barylýar. Gögeriş alnan meýdanlarda gowaça ideg etmek, hatarara bejergileri geçirmek, ekini mineral dökünler bilen iýmitlendirmek, oňa ösüş suwuny tutmak işleri agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda alnyp barylýar.

Daşoguz welaýatyndaky suw bilen üpjünçilik boýunça dowam edýän kemçilikler düzedildi. Häzirki wagtda welaýatda derýalaryň suwunyň kada laýyk bolmagy bilen, sebitiň ekerançylyk ýerleriniň suw üpjünçiligi gowulandyryldy hem-de geljekde suwy netijeli peýdalanmak boýunça degişli işler durmuşa geçirilýär. ■ 2

# KÖPÝYLLYK NETIJELI HYZMATDAŞLYK PUGTALANDYRYLÝAR

***6-njy iýunda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretarynyň birinji orunbasary, BMG-niň Durnukly ösüş boýunça toparynyň başlygy hanym Amina Mohammedi kabul etdi.***

Myhman wagt tapyp duşuşandygy üçin hoşallyk bildirip, BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterrişiň mähirli salamyny ýetirdi hem-de diňe bir Ýer ýüzüniň depginli ösýän döwletleriniň biri bolman, eýsem, Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi Aziýa sebitindäki ygtybarly hyzmatdaşy hasaplanýan Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanda bolup görmek mümkinçiligine örän şatdygyny belledi.

Döwlet Baştutanymyz hanym Amina Mohammedi mübärekläp, BMG-niň ýolbaşçylaryna iň oňat arzuwlaryny aýtdy. Bellenilişi ýaly, Türkmenistan iri halkara guramalar, ilkinji nobatda, döwrüň wajyp meseleleri boýunça netijeli we oňyn gepleşikleri alyp barmaga uly isleg bildirilýän mümkinçilik hökmünde çykyş edýän BMG bilen hyzmatdaşlyga aýratyn ähmiýet berýär.

Duşuşygyň çäklerinde söhbetdeşler köpýyllyk netijeli hyzmatdaşlygyň ýagdaýy hem-de geljegi barada pikir alyşdylar, dürli ugurlarda durmuşa geçirilen taslamalaryň onlarçasy şol hyzmatdaşlygyň netijeli häsiýete eýedigine şaýatlyk edýär. Şeýle-de, 2030-njy ýyla çenli döwür üçin durnukly ösüş ulgamynda Gün tertibiniň çäklerinde bilelikde işlemegiň mümkinçiligi ara alnyp maslahatlaşyldy. Onda beýan edilen wezipeler Türkmenistany 2052-nji ýyla çenli durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda kesgitlenen möhüm maksatlara hem-de wezipelere laýyk gelýär.

Söhbetdeşligiň dowamynda Türkmenistanyň Bitaraplyk syýasatyny üstünlikli durmuşa geçirip, durnukly ösüşe, Merkezi Aziýada parahatçylygyň we howpsuzlygyň pugtalandyrylmagyna goşant goşmak bilen, energetika, ulag, ekologiýa, saglygy goraýyş, durmuş hem-de beýleki ulgamlarda häzirki döwürde ähmiýetli başlangyçlaryň birnäçesi bilen çykyş edendigi nygtaldy. Şol başlangyçlar BMG-niň Baş Assambleýasynyň degişli Kararnamalarynda beýanyny tapdy.



BMG-niň Baş sekretarynyň birinji orunbasary Türkmenistanyň amala aşyrýan giň gerimli milli we sebit ähmiýetli taslamalarynyň möhümdigini nygtap, türkmen tarapynyň ählumumy energetika howpsuzlygyny üpjün etmek, ulag-logistika ulgamynda giň halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek, serişdeleri oýlanyşykly peýdalanmak, howanyň üýtgemegi hem-de daşky gurşawy goramak ýaly bütin adamzada dahylly wajyp meseleleriň çözülmeginde işjeň orun eýeleýändigi üçin hormatly Prezidentimize hoşallyk bildirdi.

Hanym Amina Mohammed tutuş adamzadyň abadançylygynyň bähbitlerine we BMG-niň Durnukly ösüş maksatlaryna kybap gelýän däp bolan hyzmatdaşlygynyň çuňlaşdyrylmagyna hem-de yzygiderli ösdürilmegine öz wekilçilik edýän guramasynyň uly gyzyklanma bildirýändigini aýtdy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow alnyp barylýan işlere ýokary baha berendigi üçin minnetdarlyk bildirip, Türkmenistanyň strategik taýdan möhüm ugurlarda halkara tagallalara mundan beýläk-de işjeň gatnaşmagy maksat edinýändigini nygtady.

Duşuşygyň ahyrynda döwlet Baştutanymyz we BMG-niň Baş sekretarynyň birinji orunbasary, BMG-niň Durnukly ösüş boýunça toparyna ýolbaşçylyk edýän hanym Amina Mohammed birek-birege oňat arzuwlaryny aýdyp, uzak möhletleýin, özara ynanyşmak esasynda ýola goýulýan oňyn gatnaşyklaryň üstünlikli dowam etdiriljekdigine ynam bildirdiler.



## Elektroenergetika – ykdysadyýetimiziň möhüm pudagy

Häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň tabşyryklaryna laýyklykda, geljek ýedi ýylda döwletimizi ösdürmegiň Prezident Maksatnamasy taýýarlanylýar. Bu möhüm resminamada her welaýatyň durmuş-ykdysady mümkinçiliklerini köptaraplaýyn ulanmaga gönükdirilen anyk wezipeleriň göz öňünde tutulmagy halkymyz üçin mundan beýläk-de ýokary hilli durmuş şertlerini elýeterli etmekde uly ähmiýete eýedir. Şolarda ilatyň iş üpjünçiligini ýokarlandyrmagyň, her bir maşgalany häzirki zaman öýi ýa-da jaýy bilen üpjün etmegiň ileri tutulýan ugurlaryň hatarynda kesgitlenmegi döwletimiziň durmuş ugurly syýasatynyň üstünlikli dowam etdirilýändigini aýdyň görkezýär. ■ 3



## Galla Watanymyzyň baş baýlyklarynyň biri

Hormatly Prezidentimiziň bimöçber aladasy bilen milli ykdysadyýetimizde uly orun degişli bolan oba hojalygy pudagyny ösdürmek, kämilleşdirmek, ýer eýeleriniň işe bolan höwesini artdyrmak boýunça ägirt uly işler amala aşyrylýar. Uzak möhletleýin ýer bölekleriniň berilmegi, ýokary hilli tohum, dökün, zyýankeşlerden goraýan himiki serişdeler, suw bilen doly üpjün edilmegi, daşary ýurtlaryň iň kämil tehnikalarynyň, olaryň tirkeg gurallarynyň yzygiderli satyn alnyp berilmegi daýhanlara bol hasyl öndürmäge uly mümkinçilik berýär. Oba hojalyk pudagynda durmuşa geçirilýän özgertmeler maksatnamasy netijesinde ýurdumyzda oba hojalyk ekinleriniň köp görnüşleri ösdürilip ýetişdirilýär. ■ 3



## Ylym – bagtyň çyragy

Watanymyzyň ylmyny mundan beýläk-de kämilleşdirmek işinde 12-nji iýun ähmiýetli senedir. 12-nji iýunda ýurdumyzda giňden bellenilýän baýrama – Ylymlar gününe gabatlanyp ylmy maslahatlar, dürli çäreler geçirilýär. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow tarapyndan amala aşyrylýan döwlet gurluşy strategiýasynda, milli maksatnamalarda, ykdysadyýeti innowasion taýdan ösdürmäge we sanly ulgama geçirmäge hem-de netijeli inženerçilik çözgütlerine daýanmaga esasy orun berilýär. Häzirki taryhy döwürde ýurdumyzy ösdürmegiň türkmen nusgasy täze mazmun bilen baýlaşdyrylyp, Bitarap döwletimiziň dünýä bileleşigine has ynamly goşulyşmagyny üpjün etmek, onuň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak wezipesi döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. ■ 2

## Stokgolm+50 maslahaty geçirildi



Şwesiýanyň paýtagty Stokgolmda Bütindünýä daşky gurşaw gününe bagyşlanyp Stokgolm+50 halkara daşky gurşaw maslahaty geçirildi. ■ 4

## «Biologiýa sagady» – kadaly durmuş ýörelgesiniň kepili



Okuw gutardy, tomusky dynç alyş möwsümi dowam edýär. Indi okuwa gitmek üçin ir bilen turmaga zerurlyk ýok. ■ 5

## Ilkinji ýeňiş, ilkinji deňlik we ilkinji çärýek final

Özbegistanda dowam edýän 23 ýaşa çenlileriň arasyndaky Aziýa Kubogy ýaryşynda (U-23) ildeşlerimiz çärýek finala çykmagy başardy. ■ 7

AFC U23 ASIAN CUP UZBEKISTAN 2022

## Batareýa önümçiligini dört esse artdyrar

Ýaponiýanyň «Panasonic» kompaniýasy köp wagtdan bäri elektroulaglar üçin batareýalary öndürýär. Kompaniýa barha köp islegden peýdalanýan bu harydyň önümçiligini 2028-nji ýyla çenli 4 esse artdyrar. «Panasonic Energy» 2025-nji ýylyň mart aýynda tamamlanýan maliýe ýylyna çenli ýyllyk girdejisini 970 milliard ýene (7,5 milliard dollar töweregi) ýetirmegi maksat edinýär. Kompaniýa bu maksada ýetmek üçin önümçilik kuwwatyny artdyrar, Demirgazyk Amerikada täze zawodlar gurar. Ýaponiýanyň günorta-günbataryndaky Wakaýama zawodynda «Tesla» kompaniýasy üçin täze nesle degişli batareýalar öndüriler.




**Döwletmyrat MÜRRIKOW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

## Internetde tizlik rekordy goýuldy

Ýaponiýaly hünärmenler 1,02 petabit maglumat geçirip, internet tizliginde täze rekord goýdular. Ulanylan tehnologiýanyň häzirki optiki süýümli internet geçirijilerine ornaşdyrylyp bilinjekdigi mälim edildi. Geçen ýyl ýapon hünärmenleri 319 terabit/sekunt tizlik rekordyny goýupdylar. Şeýlelikde, täze rekord ozalkydan ep-esli ýokary bolup, uzak wagtlap täzelenmegi kyn bolar.



Yurduň milli maglumat we aragatnaşyk tehnologiýalary institutynyň hünärmenleri bu synagy 51,7 kilometrlik aralykda geçirip gördüler. Hasaba alnan tizlik 127,500 GB maglumatyň geçirilmegine ýa-da sekuntda 10 million 8K wideonyň geçirilmegine barabardygy aýdylýar.

## Elektron enjamlar üçin birmeňzeş ülňi kabul edildi

Ýewropa Bileleşigi ýurtlarynda köp wagtdan bäri maslahatlaşylýan, elektron enjamlaryň zarýad ulgamynyň birmeňzeş bolmalydygy baradaky karar kabul edildi. Şeýlelikde, agza ýurtlarda satylýan telefon, smartfon, elektron kitap, planşet we kamera ýaly elektron enjamlaryň ählisi USB-C zarýad berijili bolmaly. Ýewropa Parlamenti 2024-nji ýylyň güýzüne çenli täze düzgüne geçilmegi baradaky kanun teklibini tassyklady. Täze düzgüne görä, kiçi we orta uluklykdaky ähli elektron enjamlaryň zarýad beriji ulgamy birmeňzeş bolar. «Akylly» sagat we goşarlyk ýaly has kiçi enjamlar üçin başgaça zarýad berijiler ulanylyp bilner.



Adatça, «Android» enjamlar USB-C zarýad girişli bolýar. Şol sebäpli amerikan «Apple» kompaniýasy enjamlarynyň zarýad girişini üýtgetmeli bolar. Şeýle-de bolsa häzirki wagtda «Apple» ýankompýuterleriniň USB-C zarýad girişi bar. Täze düzgün ýewropaly sarp edijileriň her ýyl jemi 250 million ýewro tygşytlamagyna getirer.

**Baýrammyrat BÄŞIMOW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## Elektrik energiýasy bilen işleýän uçaryň ilkinji synagy

«Beta Technologies» kompaniýasynyň işläp taýýarlan «Alia» atly elektrouçary sekiz günlük uçuşynyň dowamynda jemi 12 sagatlap uçdy. Nýu-Ýorkdaky Platsberg halkara howa menzilinden howa göterilen uçar soňky menzili bolan Arkanzasdaky Bentonwill şäheriniň howa menziline gondy. Ganatynyň gerimi 15 metre barabar bolan uçar üç ýylda işlenip taýýarlandy. Synagyň dowamynda uçar jemi ýedi gezek uçuryldy. Bir gezekki uçuş 255-340 kilometr aralygynda boldy.



Kompaniýa ýakyn geljekde uçarlar üçin 60 sany zarýad beriji nokatlary işe girizmegi maksat edinýär. Şeýle hem «Alia»-nyň dikligine uçup hem gonup bilýän görnüşi işlenip taýýarlanýar.

# ÝURDUMYZYŇ OBA HOJALYK TOPLUMY ÖSDÜRILÝÄR

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Wise-premýer ýakyn günlerde ýurdumyz boýunça gowaça ekişiniň doly tamamlanjakdygyny habar berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, oba hojalygynda möhüm möwsüm hasaplanýan galla oragyny guramaçylykly hemde bellenilen möhletde, ýokary derejede geçirmegiň wajypdygyna ünsi çekip, bu ugurda öňde durýan wezipeleriň üstünlikli ýerine ýetirilmegi üçin ähli zerur tagallalaryň edilmelidigini belledi.

Gowaçanyň we beýleki ekinleriň bol hasylyny kemala getirmek boýunça alnyp barylýan işleriň agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ýola goýulmagy, ýurdumyzda azyk bolçulygynyň üpjün edilmegi döwrüň möhüm talaby bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, bu işleriň ýerine ýetirilmegine jogapkärçilikli we hemmetaraplaýyn esasda çemeleşilmelidir.

Soňra döwlet Baştutanymyz 11-nji iýunda Ministrler Kabinetiniň mejlisiniň geçiriljekdigini aýdyp, biziň sebitimizde suw bilen bagly kynçylykly ýagdaýlary göz öňünde tutup, wise-premýer A.Ýazmyradowa degişli tabşyryklary berdi.

Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz, birinjiden, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň oba hojalyk toplumyna gözegçilik edýän orunbasarynyň ýolbaşçylygynda Hökümet toparyny döretmek baradaky Kararyň taslamasyny taýýarlamagy, bu toparyň düzümine Ýokary gözegçilik edarasynyň, Suw hojalygy baradaky döwlet komitetiniň, Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrliginiň, ylmy institutlaryň, welaýatlaryň häkimlikleriniň hem-de beýleki edaralaryň ýolbaşçylaryny goşmagy tabşyrdy.

Ikinjiden, Amyderýadan we Garagum derýasyndan başlap, derýalaryň hanasynda barlaglary geçirmegiň, suwuň akymynyň geçmezliginiň sebäplerini anyklamagyň, kemçilikleri düzetmek boýunça çäreleriň meýilnamasyny düzmegiň we olary amala aşyrmaga gyssagly girişilmeginiň zerurdygyny nygtady. Şunuň bilen birlikde, tehnikalary, läbik sorujylary, suw sorujylary, olaryň ätiýaçlyk şaýlaryny satyn almak üçin zerur serişdeleri bölüp bermek barada teklipleri taýýarlamak tabşyryldy.

Üçünjiden, derýalar bilen birlikde, esasy suw akabalarynda hem barlaglar geçirilmelidir. Olary arassalamak, betonlamak boýunça çäreleriň meýilnamasyny düzmeli we bu meýilnamany amala aşyrmaga girişmeli diýip, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow aýtdy.

Dördünjiden, suw süýjediji desgalaryň gurluşyk işlerine başlamak hem-de Hazar deňzinden Aşgabada suw bermek boýunça mümkinçiliklere seredilmelidir.

Bäşinjiden, döwlet Baştutanymyz Ministrler Kabinetiniň her mejlisinde işleriň alnyp barlyşy barada hasabat bermegi wise-premýere tabşyrdy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly geçirilen maslahaty tamamlap, wise-premýere alyp barýan işinde üstünlik arzuw etdi.

# YLYM – BAGTYŇ ÇYRAGY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Bu wezipeleri durmuşa geçirmekde milli ylym ulgamy özünde uly mümkinçilikleri jemleýär.

Islendik döwletiň, jemgyýetiň ösüşi kämil ylym-bilim ulgamyny döretmek bilen berk baglanyşyklydyr. Döwrüň öňe sürýän talaplaryna laýyklykda sanly bilim konsepsiýasy häzirki wagtda dünýä jemgyýetçiliginde uly seslenme döredýän meseleleriň biridir. Dünýäniň globallaşýan döwründe bilim ulgamy hem tehnologiýanyň ösüşleri bilen aýakdaş galkynýar. Garaşsyz, baky Bitarap döwletimiziň bilim ulgamynda hem dünýä tejribesine we milli ýörelgelerimize laýyklykda ägirt uly özgertmeler amala aşyrylýar, belent sepgitlere ýetilýär. Dünýä ylmynda gazanylan iň täze tehnikalar, tehnologiýalar önümçilige, bilime güýçli depginde ornaşdyrylýar. Ylmy ösdürmek, onuň hilini täze, has ýokary sepgitlere çykarmak ýurduň tehniki ykdysady kuwwatyny berkitmekde, halkyň medeni derejesini hem-de maddy üpjünçiligini ýokarlandyrmakda uly ähmiýete eýedir. Ýurdumyzda ýaşlara ylym-bilim we terbiýe bermekde zerur bolan ähli şertler döredilýär.

Ýurdumyzda «Bilim hakynda», «Ylmy işgäriň hukuk ýagdaýy hakynda», «Ylmy edaralar hakynda», «Döwlet ylmy-tehniki syýasaty hakynda», «Ylmy -tehnologiýa parklary hakynda» Türkmenistanyň Kanunlarynyň kabul edilmegi ýurdumyzda ylmyň ygtybarly hukuk binýadyny döretdi. Bu kanunçylyk namalar ylym-bilim babatdaky jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirmek, maksatlaryny, wezipelerini, hyzmatlaryny we onuň işini dolandyrmagyň tertibini hem-de ylmy işgärleriň hukuklaryny, borçlaryny we jogapkärçiligini, olaryň hünär taýýarlygyna baha bermegiň ölçeglerini, şeýle-de, ylmy edaralaryň hukuk ýagdaýyny, maksatlaryny, wezipelerini we ygtyýarlyklaryny, olaryň kysymlaryny we görnüşlerini, ylmy edaralaryň işiniň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmegini kesgitleýär. Ýurdumyzyň ylym ulgamyny ösdürmegiň esasy nukdaýnazarlarynyň arasynda ylmy bäsleşikleriň hem uly ähmiýeti bar. Häzirki wagtda ýaşlary ylmy bäsleşige çekmek, ylmy-barlag edaralarynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmäge, halkara ylmy jemgyýetine aralaşmaga, milli ylmy gymmatlyklarymyzy dünýä ýaýmak boýunça mynasyp işleri durmuşa geçirmäge ýardam berýär. Olar ylmy-barlag işleri pudaklaýyn ösdürmegiň möhüm wezipelerini ýerine ýetirmäge, täze tehnologiýalary işläp düzmäge we ornaşdyrmaga giň mümkinçilikleri döredýär. Ýurdumyzda üstünlikli amala aşyrylýan bilim özgertmeleri munuň şeýledigini doly tassyklaýar. Ýurdumyzda ýokary okuw mekdepleriniň täze döwrebap binalarynyň gurlup, ulanylmaga berilmegi, olaryň kämil derejedäki enjamlar bilen üpjün edilmegi ýaşlaryň dünýä derejesinde bilim almaklarynda möhüm ähmiýete eýe bolup durýar.



Türkmenistanyň ýaş alymlarynyň we talyplarynyň arasynda ylmy işler boýunça geçirilýän bäsleşigiň ukyp-başarnykly, zehinli ýaşlary ýüze çykarmakda ähmiýeti örän uludyr. Arkadagly Serdarymyzyň ylmyň milli ykdysadyýetimizi döwrebaplaşdyrmak ýoly bilen ösdürmegiň, ähli ugurlarda düýpli özgertmeleri üstünlikli durmuşa geçirmegiň hem-de täze wezipeleri çöz-megiň açary bolup durýandygyny nygtamagy has-da çuň many-mazmuna eýe bolup durýar. Ýurdumyzyň ykdysady ösüşine itergi berýän güýç ylymda jemlenen. Diýmek, bagtyýarlyk zamanamyzda ata Watanymyzyň dünýä ýaň salýan ösüşleriniň hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen döwletimizde milli ykdysadyýetimizi ylmy esasda sazlaşykly ösdürmek ýörelgesinden ugur alnandygynyň we bu ýörelgä gyşarnyksyz eýerilýändiginiň netijesi diýip ynamly aýtmak bolar. Hut şu hakykat bilen baglanyşyklylykda «Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasy» ýurdumyzyň önümçilik pudaklarynda we hyzmatlar bazarynda ylma daýanmak bilen sanly ulgamyň giňden ornaşdyrylmagy üçin uly mümkinçilikleri açdy. Hormatly Prezidentimiz türkmen ylmyny dünýä derejesine çykarmagyň, şeýle hem häzirki zaman innowasion tehnologiýalaryň önümçilige ornaşdyrylmagynyň zerurdygyny nygtaýar.

Bu bolsa türkmen alymlarynyň öňünde mundan beýläk-de, milli ylmymyzy döwrebap guramak, ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ähli ugurlarynyň işlerini ilerletmegi ylmy esasda alyp barmak, şeýle hem ähli pudaklarda täze öňdebaryjy tehnologiýalary önümçilige ornaşdyrmak, ýerine ýetirilýän ylmy işleriň netijeliligini artdyrmak, ylmy işgärleri höweslendirmek babatynda uly wezipeleri goýýar. Häzirki wagtda il-ýurt, sebit we dünýä ähmiýetli iri taslamalaryň amala aşyrylmagy, gurulýan awtomobil we demir ýollary, gaz we nebit geçirijiler, dürli maksatly fabrikler we zawodlar, mekdepler, hassahanalar we saglyk öýleri, ýaşaýyş jaýlary we beýleki medeni maksatly desgalar milli ykdysadyýetimiziň ylmy esasda sazlaşykly ösýändiginden habar berýär. Önümçiligiň ähli pudaklaryna ylmyň we öňdebaryjy tejribäniň gazananlarynyň ornaşdyrylmagy we iň täze tehniki hem tehnologiki enjamlaryň netijeli ulanylmagy biziň ýeten belent sepgitlerimizde, gazanan üstünliklerimizde möhüm ähmiýete eýe bolup durýar.

**Arazbike SÖÝÜNOWA,**
*«Daşoguzpoçta» welaýat kärhanasynyň poçta daşaýan bölüminiň operatory, KA-nyň ilkinji guramasynyň başlygy.*

## Dünýäniň iň gowy aşhanalary

«Taste Atlas» atly internet saýty tagama baha berýän bilermenleriň geçiren barlaglaryndan, naharlar barada taýýarlanan ylmy makalalardan ugur alyp, dünýäniň iň gowy 50 aşhanasynyň sanawyny taýýarlady. Dünýä aşhanalary atly täze sanaw her bir ýurduň iň gowy 30 naharynyň, içimliginiň we azyk önüminiň ortaça bahasy esasynda taýýarlandy. Merkezi edarasy Bolgariýanyň paýtagty Sofiýada ýerleşýän edara 2018-nji ýylda döredilip, tagamlara degişli dürli makalalardyr maglumatlary taýýarlaýar. Sanawyň başynda Ortaýer deňziniň kenarynda ýerleşýän Italiýa bar. Bu deňziň kenarynda ekerançylyk irki döwürlerden bäri ösüp, bu ýagdaý kenarýaka ýurtlaryň aşhanasyna gönüden-göni täsir edipdir. Ikinji we üçünji orny hem bu deňziň kenarynda ýerleşýän Gresiýa bilen Ispaniýa eýeleýär. Dördünji orny Gara deňziň kenaryndaky Rumyniýa alypdyr. Bäşinji orunda Fransiýa, altynjy orunda Ýaponiýa bar. Meksika, Horwatiýa, Portugaliýa we Hindistan ilkinji onluga giripdir.



**Aýgözel AMANGELDIÝEWA,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.*

## Dört günlük iş hepdesi ýola goýuldy

Angliýada üç müňden gowrak işgär hepdede dört gün işlär. Synag maksady bilen ýola goýlan bu düzgüniň çäklerinde işgärleriň aýlyklary hiç hili azaldylmaz. Alty aýyň dowamynda ýygnalan maglumatlar Kembrij uniwersitetiniň, Oksford uniwersitetiniň we Boston Kollejiniň bilermenleri tarapyndan seljeriler. Bu başlangyç «4 Day Week Global» atly gurama tarapyndan durmuşa geçirilýär. Bu başlangyja 70 kompaniýa goldaw berip, jemi 3 müň 300 töweregi işgär gatnaşýar. Bu synagda işgärleriň iş netijeliligi bilen bir hatarda daşky gurşaw we gender deňligine täsiri hem ölçener.



Şeýle düzgün Şotlandiýada we Ispaniýada hem synagdan geçiriler.

Geçen ýyl şeýle synag Islandiýada hem geçirilip görlüpdi. Şol synagyň şowly tamamlanandygy mälim edilipdi.

Pandemiýa döwründe uzakdan işlemek üçin döredilen şertler we bu ugurda oňyn netijeleriň gazanylmagy şeýle düzgünlere bolan gyzyklanmany has-da artdyrdy.

**Arzygül BALLYÝEWA,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.*

## «Samsung» «Apple» enjamlarynyň ekranyny öndürer

Koreýa Respublikasynyň «Samsung» kompaniýasy bäsdeşi «Apple» kompaniýasynyň «MacBook» we «iPad» enjamlarynyň ekranyny öndürmek üçin täze önümçilik desgasyny gurar. «Apple» kompaniýasy 2017-nji ýyldan bäri «iPhone»-laryň OLED ekranlaryny öndürmegi üçin koreý kompaniýasy bilen hyzmatdaşlyk edýär. Şeýle hem «Apple» LG we BOE kompaniýalaryndan hem ekran satyn alýar. Koreýada guruljak önümçilik desgasynda öndürilen ekranlaryň köp bölegi amerikan kompaniýasyna gowşurylar. Esasan hem, 2024-nji ýylda çykaryljak «iPad Pro» enjamynyň ekrany bu desgada öndüriler. «MacBook Pro» ýankompýuterleriniň ekranlary bolsa, 2025-nji ýyldan başlap bu desgada öndüriler.




Geljek üç ýylyň dowamynda «Apple»-iň ähli mobil enjamlarynyň OLED ekranly bolmagyna garaşylýar.

## Dünýäniň iň gymmat şäherleri



«ECA International» kompaniýasy dünýäniň iň gymmat şäherleriniň täze sanawyny taýýarlady. Sanaw taýýarlananda, süýt, ýag we çörek ýaly esasy azyk harytlary bilen bir hatarda öýleriň kärende bahasy, jemagat hyzmatlary üçin tölegler, jemgyýetçilik ulaglarynyň ýol nyrhy we ýerli pul birliginiň hümmetliligi göz öňünde tutulypdyr. Sanawyň ilkinji onlugyna giren şäherleriň ýarysy Aziýada ýerleşýär. Şeýlelikde, Aziýa iň gymmat yklym bolupdyr. Sanawyň birinji ornuny Gonkong eýeleýär. Aziýanyň beýleki köp ilatly şäherleri bolan Tokio (Ýaponiýa), Şanhaý (HHR), Guançžou (HHR) we Seul (Koreýa Respublikasy) ilkinji onlukda ýer alypdyr.

Mundan ozal bu sanawyň ýokarky basgançaklarynda orun alýan Pariž ilkinji 30-dan hem aşak düşüpdir. Madrid, Rim we Brýussel ýaly beýleki Ýewropa şäherleri hem aşaky basgançaklara düşüpdir. Bilermenler soňky wagtlarda ýewronyň hümmetsizlenmeginiň täsiriniň bardygyny belleýärler. Şol sebäpli Ýewropa sebitindäki ähli şäherlerde diýen ýaly düşüş hasaba alnypdyr.

Ýewropanyň iň gymmat şäheri Gonkongdan we Nýu-Ýorkdan soňra üçünji ýeri Ženewa şäheri alypdyr. Ýewropa Bileleşigi bilen berk aragatnaşyk saklaýan Ženewada ýewro däl-de, şweýsar franky ulanylýar.

**Gülendam JUMAKULYÝEWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*

## Holesteriniň ýokary derejesiniň alamaty

Pyýada ýöräniňizde damarlaryň çekilmegi periferiýa arteriýa keselini we gandaky zyýanly holesteriniň ýokary derejesini görkezip biler. Bu barada ABŞ-nyň kardiologlar assosiasiýasynyň bilermenlerine salgylanyp, «Daily Express» neşiri ýazýar.

- Ýöräniňizde, basgançaklara çykanyňyzda ýa-da başga bir fiziki işjeňlikde aýaklaryň myşsalarynyň agyryp, damarlarynyň çekmegi - periferiýa arterial keseliniň iň köp ýaýran alamaty bolup durýar - diýip lukmanlar düşündirýärler.

Hünärmenleriň pikiriçe, periferiýa arterial keseli aortanyň we esasy arteriýalaryň zolagynyň kem-kemden daralmagyna we doly petiklenmegine getirýär. Aterosklerotik nyşanlary emele getirýän holesterin çökündileri sebäpli arterial damarlaryň diwarlary ýognalanda nähoşluk ýüze çykýar.



Arterial näsazlyklaryň beýleki alamatlaryna aýaklaryň agyrmagy, damarlaryň çekilmegi we el-aýagyň guruşmagy degişlidir. Holesteriniň çendenaşa agdyklygyndan ejir çekýänleriň injiklerinde we dabanlarynda bitişip gidibermeýän ýaralar peýda bolýar. Makalada aýagyň barmaklaryndaky deriniň reňki üýtgäp biljekdigi aýdylýar.

Holesteriniň ýokary derejesi gan damarlarynyň ýoluny ýapmak bilen ýürek-damar kesselleriniň döremek howpuny ýokarlandyrýar. Bedeniň ýerine baglylykda bu insult ýa-da ýürek keseline sebäp bolup biler. Şeýle gaýra üzülmeleriň öňüni almak üçin lukmanlar işjeň durmuş ýörelgesini alyp barmagy we düzüminde doýgun däl ýaglar bolan iýmitler bilen berhiz saklamagy maslahat berýärler.

**Tyllagözel NURYÝEWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň mugallymy.*

## Syýahatçylyk pudagy ösýär



Dünýäde pandemiýa bilen bagly çäklendirmeleriň azaldylmagy syýahatçylyk pudagyna oňyn täsirini ýetirdi. Merkezi edarasy Ispaniýanyň paýtagty Madridde ýerleşýän BMG-niň Bütindünýä Syýahatçylyk Guramasy şu ýylyň birinji çärýeginde dünýädäki jahankeşdeleriň sany bilen bagly maglumatlary ýaýratdy. Ýanwar-mart aýlarynda halkara syýahatçylaryň sany 2021-nji ýylyň degişli döwründäkiden 182 göterim köpelip, 117 milliona ýetipdir. Gurama pandemiýa bilen bagly çäklendirmeleriň azaldylmagynyň syýahatçylyk pudagynyň dikeldilmeginde täsir edendigini belleýär. Sebitler nazarda tutulanda, Ýewropada we Amerikada has köp ösüş gazanylandygy bellenilýär. Maglumatlara görä, Ýewropada 280 göterim, Amerikada 117 göterim ösüş hasaba alnypdyr. Ýakyn Gündogar ýurtlarynda 132 göterim, Afrikada 96 göterim, Aziýa-Ýuwaş ummany sebitinde 64 göterim ösüş gazanylypdyr.

Şeýle hem maglumatda 2-nji iýundan başlap, Ýewropanyň 31 ýurdunda we dünýäniň beýleki ýurtlarynda COVID-19 çäklendirmeleriniň ýatyrylandygy mälim edilýär. Bilermenler bu ýagdaýyň syýahatçylyk pudagynyň has hem ösmegine itergi berjekdigini belleýärler.

Bu görkezijiler geçen ýyldakydan ýokary hem bolsa, pandemiýadan ozalky döwür bilen deňeşdirilende pes bolmagynda galýar.

**Geldimyrat SOLTOWOW,**
*Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyby.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN
ESASLANDYRYJYSY – «ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Iýun aýynyň 10-y, 2022
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-109549
Belgisi: 23/1485
Tiražy: 4057
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR MYRATDURDY GARJANOW
JOGAPKÄR KÄTIP AMANMYRAT BAÝMYRADOW

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-06, 28-14-36
www.zamanturkmenistan.com.tm / info.zamanturkmenistan@gmail.com

BELLIK: Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmenistanyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Türkmenistanyň Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

# Maglumat howpsuzlygynyň kanunçylyk-hukuk binýady

***Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda kiberhowpsuzlygy üpjün etmek, döwletiň, milli işewürlik birleşikleriniň we raýat jemgyýetiniň gatnaşmagynda sanly ykdysadyýetiň institutlarynyň netijeli ösdürilmegi üçin amatly guramaçylyk hem-de kadalaşdyryjy-hukuk şertlerini döretmek, şeýle hem ählumumy sanly ekoulgamyň emele gelýän şertlerinde milli ykdysady serişdeleri (aktiwleri) dolandyrmagyň ulgamyny hem-de onuň düzümini kämilleşdirmek babatda zerur işler amala aşyrylýar.***



Demokratik, hukuk we dünýewi döwletimizde kiberhowpsuzlygy üpjün etmek ulgamynda milli kanunçylygy kämilleşdirmek, ýurduň maglumat infrastrukturalarynyň we durmuş-ykdysady taýdan ösüşiniň howpsuzlygynyň maglumat tehnologiýalaryny we programma üpjünçiligini döretmäge gatnaşmak boýunça alnyp barylýan giň möçberli işler dowam edýär.

Şunuň bilen baglylykda, kiberhowpsuzlygy üpjün etmek ulgamynyň kanunçylyk-hukuk binýadyny kämilleşdirmäge gönükdirilen çäreleriň biri-de, kiber giňişliginde ýurdumyzyň milli bähbitlerini, adamyň we raýatyň hukuklaryny we azatlyklaryny goramagyň guramaçylyk we hukuk esaslaryny kesgitleýän hem-de Türkmenistanyň kiberhowpsuzlygyny üpjün etmekde ýüze çykýan gatnaşyklary düzgünleşdirýän, 4 bapdan we 22 maddadan ybarat bolan «Kiberhowpsuzlyk hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň kabul edilmegidir.

Mundan başga-da, kiberhowpsuzlygy üpjün etmek çygrynda amala aşyrylýan işleriň hukuk esaslaryny döwrebaplaşdyrmagyň dowamynda Türkmenistanyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 7-nji iýunyndaky 247-nji Karary bilen tassyklanan, «Türkmenistanyň kiberhowpsuzlygyny üpjün etmek boýunça Döwlet maksatnamasy», Türkmenistanyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 7-nji iýunyndaky 247-nji Karary bilen tassyklanan, «Türkmenistanyň kiberhowpsuzlygyny üpjün etmek boýunça Döwlet maksatnamasyny ýerine ýetirmegiň 2017–2021-nji ýyllar üçin Meýilnamasy», Türkmenistanyň Prezidentiniň 2018-nji ýylyň 30-njy noýabryndaky 984-nji Karary bilen tassyklanan, «Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasy», Türkmenistanyň Prezidentiniň 2021-nji ýylyň 12-nji fewralyndaky 2136-njy Karary bilen tassyklanan, «Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2021-2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy», Türkmenistanyň Prezidentiniň 2021-nji ýylyň 12-nji fewralyndaky 2136-njy Karary bilen tassyklanan, «Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2021-2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyny amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirmeli çäreleriň Meýilnamasy» tassyklanyldy.

Türkmenistanyň kiberhowpsuzlyk hakynda kanunçylygy Türkmenistanyň Konstitusiýasyna esaslanýar we ady agzalan Kanundan hem-de kiberhowpsuzlygy üpjün etmek babatda gatnaşyklary düzgünleşdirýän Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan ybaratdyr.

«Kiberhowpsuzlyk hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň «Kiberhowpsuzlygy üpjün etmek babatda Ygtyýarly edaranyň esasy wezipeleri we ygtyýarlylygy» atly 10-njy maddasyna laýyklykda, ygtyýarly edaranyň esasy wezipeleri kiberhowpsuzlygyň subýektleriniň işini utgaşdyrmakdan we oňa gözegçilik etmekden, maglumat giňişligine we möhüm maglumat infrastrukturalarynyň obýektlerine gönükdirilen kiberhowplary ýüze çykarmakdan, olaryň öňüni almakdan we olara garşy hereket etmekden ybaratdyr.

Ygtyýarly edara öz işini Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýan Düzgünnamanyň esasynda amala aşyrýar. Ygtyýarly edaranyň işini maliýeleşdirmegiň tertibi, zähmet haklarynyň çyzgydy Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bellenilýär.

Kiberhadysalara garşy göreş alyp barmak maksady bilen, Ygtyýarly edara kiberhadysalara garşy hereket etmek boýunça Milli maglumat gözegçilik merkezini döredýär.

Ýurdumyzda maglumat howpsuzlygynyň we kibergoragynyň işini guramaçylyk we kanunçylyk-hukuk taýdan düzgünleşdirmek boýunça taýsyz tagallalary edýän döwlet Baştutanymyza çäksiz hoşallygymyzy bildirýäris.

Arkadagly Serdarymyzyň janynyň sag, ömrüniň uzak, il-ýurt bähbitli tutýan ägirt uly işleriniň hemişe rowaç bolmagyny arzuw edýäris!

**Baýram GURTMYRADOW,**
*Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli merkeziniň Maglumat, seljeriş we halkara gatnaşyklary bölüminiň hukuk maslahatçysy.*

# Galla Watanymyzyň baş baýlyklarynyň biri

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Munuň özi ýurdumyzda azyk bolçulygynyň döredilmegine, ykdysady kuwwatymyzyň barha ýokarlanmagyna giň ýol açýar. Soňky ýyllarda oba hojalyk ekinleriniň köp mukdarda ösdürilip ýetişdirilmegi ýurdumyza daşardan getirilýän harytlaryň möçberini azaltmaga, eksport edilýän önümleriň möçberini artdyrmaga mümkinçilik berýär.

«Halkyň Arkadagly zamanasy» ýylynda welaýatymyzyň oba hojalykçylarynyň gadamlary batly. Olar daýhanlar üçin döredilýän uly mümkinçiliklerden ýerlikli we netijeli peýdalanmak bilen, oba hojalyk ekinleriniň ähli görnüşlerinden bol hasyl almak ugrunda aladalanýarlar. Gowaçanyň, gök-bakja ekinleriniň idegini birkemsiz berjaý edip, olaryň kadaly ösüşini gazanýarlar. Şonuň ýaly hem azyk bolçulygynda uly orun degişli bolan türkmeniň guşgursak ak bugdaýyny kemala getirmekde hem baý daýhançylyk tejribesini ylmyň gazananlary bilen baglanyşdyryp, yhlasly zähmet çekýärler. Şonuň netijesinde, welaýatymyzda ak bugdaýyň bitginli hasyly kemala gelen, altynsow reňke giren bugdaýly meýdanlary synlanyňda daýhan azabynyň ýerine düşjekdiginden habar berýär.

Hormatly Prezidentimiz Daşoguz welaýatynda toý saparynyň çäklerinde Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisini geçirip, Ahal, Mary, Lebap welaýatlarynda iýun aýynyň 3-ine, Balkan, Daşoguz welaýatlarynda iýun aýynyň 10-yna galla oragyna girişmäge ak pata berip, il sylagly ýaşulularymyza «Bissimilla» bilen galla oragyna başlap bermegi haýyş etdi. Tutuş welaýatymyzyň ähli gallaçy-kärendeçileri, beýleki oba hojalyk pudagyna degişli işçi-hünärmenleri öňde durýan galla oragy möwsümini guramaçylykly geçirmek, ýetişdirilen hasyly gysga wagtda Watan harmanyna tabşyrmak ugrunda hemmetaraplaýyn taýýarlyk gördüler.



Biz hem Türkmenistanyň Agrar partiýasynyň ýerlerdäki ilkinji guramalary bilen bilelikde galla oragy möwsüminde zähmet adamlarynyň aralarynda bolup, olaryň işe bolan höwesini artdyrmagy, armasyny ýetirmegi, öňdebaryjy mehanizatorlary, kärendeçileri höweslendirmegi göz öňünde tutýarys. Günortanky arakesme wagtynda meýdan düşelgelerinde medeni çäreleri geçirmegi meýilleşdirýäris. Bu bolsa möwsümiň ýokary depginlerde gitmegine, Watanymyzyň baş baýlyklarynyň biri bolan guşgursak ak bugdaýy gysga wagtda ýygnap, Watan harmanyna tabşyrmaga uly mümkinçilik berer. Oba hojalyk pudagyny ösdürmek, kämilleşdirmek boýunça ägirt uly işleri durmuşa geçirýän, halal zähmet çekip, eşretli, bolelin durmuşda ýaşamaga ähli şertleri döredip berýän hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak, belent başy aman bolsun, her bir döwletli işleri elmydama rowaç alsyn!

**Gülhumar HOJAHMETOWA,**
**Türkmenistanyň Agrar partiýasynyň Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrap komitetiniň esasy hünärmeni.**

# Elektroenergetika – ykdysadyýetimiziň möhüm pudagy

***Häzirki wagtda welaýatlarymyzy ösdürmek hem-de ýurdumyzyň energetika pudagynyň kuwwatyny has-da pugtalandyrmak ugrunda iri taslamalar durmuşa geçirilýär. Ine, şeýle taslamalaryň biri hem Balkan-Daşoguz howa elektrik geçirijisiniň gurluşygydyr. Güýjenmesi 500 kilowolt bolan howa elektrik geçirijisi ýurdumyzyň halkalaýyn energoulgamyny döretmek boýunça başy başlanan iri möçberli taslamanyň üstünlikli durmuşa geçirilýändiginiň aýdyň beýanydyr. Taslamanyň baş maksady elektrik energiýasynyň öndürilişini artdyrmakdan hem-de Aşgabadyň we welaýatlaryň energiýa ulgamlaryny bitewi energetika halkasyna birikdirmek arkaly içerki sarp edijileri energiýa bilen üpjünçiligiň ygtybarlylygyny ýokarlandyrmakdan ybaratdyr.***



**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Balkan-Daşoguz howa elektrik geçirijisiniň ulanmaga berilmegi bilen, ýurdumyzda bir bitewi halkalaýyn energoulgamy emele gelýär. Bu bolsa içerki sarp edijileriň elektrik energiýasy bilen ygtybarly üpjünçiligini berkitmek bilen bir hatarda, ýurdumyzyň eksport kuwwatynyň artmagyny şertlendirer.

Häzirki wagtda türkmen energetika senagaty okgunly ösüşe eýe bolup, elektrik energiýasynyň eksportyny artdyrmaga ukyplydyr. Ýurdumyzy toplumlaýyn senagatlaşdyrmak ileri tutulýan ugur bolup, iri senagat toplumlarynyň birnäçesiniň gurulmagy meýilleşdirilýär. Olaryň sazlaşykly işlemegini üpjün etmek, şeýle hem elektroenergiýanyň eksport möçberlerini artdyrmak üçin bu pudagyň yzygiderli ösdürilmegini üpjün etmek zerur bolup durýar. Şonuň üçin elektrik energiýasyny öndürmek, bu ugurda täze mümkinçilikleri açmak we işe girizmek geljege gönükdirilen uzak möhletleýin döwlet ähmiýetli wezipedir.

Ýurdumyzda ulanylýan senagat we durmuş maksatly desgalary elektrik energiýasy bilen bökdençsiz üpjün etmek üçin giň gerimli işler durmuşa geçirilýär. Welaýatlarda döwrebap gazturbinaly elektrik beketler, elektrik geçiriji ulgamlar, tok paýlaýjy podstansiýalar gurulýar, paýtagtymyzy, beýleki şäherleri we ilatly ýerleri elektrik energiýasy bilen üpjün etmek boýunça täze taslamalar amala aşyrylýar. Pudaga ornaşdyrylýan täze usullar we



ýurdumyzyň känlerindäki elektrik beketleri üçin ulanylýan ýangyçlaryň häzirki döwürde iň netijelisi we ekologiýa taýdan howpsuz hasaplanýany bolan tebigy gazyň ägirt uly gorlary milli ykdysadyýetimiziň möhüm pudagynyň öňünde durýan wezipeleri amatly çözmäge ýardam berýär.

Ýurdumyzda alnyp barylýan energetika syýasatynyň esasynda içerki sarp edijilerimizi elektrik energiýasy bilen ygtybarly üpjün etmek, şeýle hem hoşniýetli goňşuçylygyň, parahatçylykly ýaşaýşyň, özara bähbitli we deňhukukly hyzmatdaşlygyň hatyrasyna türkmen energiýa serişdelerini dünýä halklaryna hem elýeterli etmek maksady durandyr.

Bu ugurda alnyp barylýan işler we eýelenýän sepgitler döwletimiziň özüniň ägirt uly tebigy baýlyklaryny, oňaýly geografik ýerleşişiniň mümkinçiliklerini, ýurtlaryň, sebitleriň we halklaryň parahatçylykly ýaşamagyna, söwda-ykdysady we medeni aragatnaşyklaryň ösdürilmegine gönükdirýändigi baradaky hakykatyň iş ýüzünde durmuşa geçýändiginiň aýdyň dabaralanmasydyr.

Garaşsyz döwletimiziň elektroenergetika pudagyna ornaşdyrylýan innowasion tehnologiýalarda «ýaşyl tehnologiýalaryň» uly orna eýe bolmagy tötänden däldir. Bu tehnologiýalar ykdysady taýdan tygşytlylyk artykmaçlygyndan başga-da, daşky gurşawa zyňylýan zyýanly galyndylaryň birnäçe esse azaldylmagyny üpjün edýär.

«Energiýany tygşytlamagyň 2018–2024-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy», «Türkmenistanyň energetika diplomatiýasyny ösdürmegiň 2021–2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasy» hem-de «Energiýanyň dikeldilýän çeşmelerini ösdürmek boýunça 2030-njy ýyla çenli Türkmenistanyň Milli strategiýasy» kabul edildi. Türkmenistan energetika ulgamynda sebit we sebitara ähmiýetli iri taslamalary yzygiderli durmuşa geçirýär. Pudaga ornaşdyrylýan innowasiýalar, şeýle-de häzirki zaman şertlerinde elektrik beketler üçin ýangyjyň iň netijeli we ekologiýa taýdan howpsuz görnüşi bolan tebigy gazyň ýurdumyzdaky ägirt uly gorlary ykdysadyýetiň strategiki pudagynyň öňünde duran wezipeleri netijeli çözmäge ýardam berýär.

**Aýgül BERDILIÝEWA,**
*Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň mugallymy.*

# TÄSINLIGE BAÝ KÖÝTENDAG

***Her ýyl 5-nji iýunda Türkmenistan dünýä jemgyýetçiligi bilen birlikde Daşky gurşawy goramagyň bütindünýä gününi giňden belläp geçýär. Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan ekologiýa syýasaty türkmen jemgyýetiniň ösüşini tebigy gurşawyň ösüşi bilen sazlaşdyrmaga, ýaşaýşyň ekologiýa taýdan arassa gurşawyny döretmäge gönükdirilendir.***

Türkmen halky özüniň baý medeni mirasy, ruhy gymmatlyklary bilen dünýä siwilizasiýasynyň ösüşine öz goşandyny mynasyp derejede goşan milletdir. Gaýtalanmajak gözellige eýe bolan ene topragymyz özüniň tebigaty bilen göreni haýran edýär. Çogly güneşi, gojaman daglary, ösümlik we haýwanat dünýäsi bilen tanalýan gadymy hem müdimi türkmen topragynyň şeýle ajaýyp we täsinliklere baý ýerleriniň biri hem ýurdumyzyň gündogarynda ýerleşýän Köýtendagdyr.

Gojaman Köýtendagy eteklăp oturan Hojaýpil obasynda ýerleşen taryhy-arheologik ýadygärlikler türkmen tebigatynyň özboluşlylygydyr. Gözel Köýtendag barada söz açylanda ilki bilen göz öňüňde janlanýan keşp, elbetde, deňiz derejesinden takmynan 1300-1600 metr ýokarda ýerleşýän Hojaýpil obasydyr. 1980-nji ýylda tapylan dinozawrlaryň yzlary dünýä taryhçylarynyň we arheologlarynyň ünsüni özüne çekýär. Ýerli ilat bolsa olary Isgender Zülkarneýniň pilleriniň yzlary diýip pikir edipdirler. Ýeri gelende aýtsak, bu aýak yzlarynyň ululygy 65-70 santimetre ýetip, ädiminiň doly uzynlygy 200-220 santimetre barabar bolupdyr. Bu ýerde jemi 400-den gowrak aýak yzlarynyň bardygy alymlar tarapyndan anyklanyldy.

Türkmen tebigatynyň bu künjegi diňe bir dinozawrlaryň aýak yzlary bilen meşhur bolman, eýsem, Köýtendag özüniň Türkmenistanda iň beýik nokady Aýrybaba depesi (3139 metr), 27 metr belentlikden gaýdýan Umbar dere şaglawugy, Köýten obasynyň golaýyndaky gadymy uly çynar agajy, 500 ýaşly arça agajy, Gap-gotan we Kyrkgyz gowaklary, galyberse-de ýerasty gowaklary bilen hem bütin dünýäde meşhurdyr. Ýerasty gowaklar özüniň owadanlygy, uzynlygy bilen tebigatymyzyň gaýtalanmajak özboluşlylygydyr. Gap-gotan gowagynyň uzynlygy 56 kilometre deň bolup, ol dünýäde iň uzyn gowak-



laryň biri hasaplanýar. Ady agzalan gowaklar özleriniň stalaktitleri, stalagmitleri (gowagyň ýokarsyndan başaşak sallanýan minerallar), stalagnatlary, daşlardan emele gelen şekilleri we gymmat bahaly mermer oniksleri (açyk we goýy reňkde) bilen ýerasty ymaratlary ýadyňa salýar. Gowak ajaýyp tebigy emele gelmesi boýunça GDA döwletleriniň arasynda Kungur we Krym gowaklaryndan soň üçünji ýeri eýeleýär. Bu ýerde türkmen tebigatynda emele gelen gözellikler, täsin galdyrjak ajaýyp şekiller emele gelipdir. Bu gaýtalanmajak tebigatyň täsinligini bolsa, bu ýere gelen her bir adam öz gözleri bilen görüp biler.

Mundan başga-da, Köýtendagyň iň bir täsin ýerleriniň biri-de Garlyk şäherçesidir. Bu ýerde ýerasty geçelgeleriň tutuş toplumy bar. Bütin dünýäde mälim bolan, häzirki wagtda ylmy taýdan öwrenilýän «Köýten kör gölesi» ady bilen tanalýan balygy hem bu ýerde görmek bolýar. Täsin tarapy bolsa, bu gözsüz we endamy ýylmanakdan şöhleli balyklar dünýäniň başga hiç ýerinde gabat gelmeýär. Bu täsin balyklar süri-süri bolup, suwuň 4-5 metr aşagynda ýaşaýarlar. Balyklaryň umumy jemi 150-ä golaý bolup, olar Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilendir.

Gojaman Köýtendaga gadam



basan her bir adam bu ajaýyp künjegiň gaýtalanmajak, özboluşly tebigy gözelligini, bürgüdiň ganaty deýin ýaýylyp ýatan ýaýlalaryny, ümzügi asmana sary uzaýan keremli daglaryny, syrlar älemini özünde gizlän täsin gowaklaryny, daglaryň göwsüni parran ýaryp, akyp ýatan tereň çeşmelerini görüp bendi bolýar. Bu ajaýyp täsinlikler bolsa görenleri ýene bu gözellikleri görmäge çagyrýar.

**Batyr ILAMANOW,**
*Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň institutynyň talyby.*

# BIOSFERA goraghanasynyň aýratynlygy

Biosfera goraghanasy hem edil döwlet tebigy goraghanasy ýaly aýratyn goralýan tebigy meýdan hökmünde tebigy ekoulgamlary we kesgitlenen çägiň genofondunу öwrenmek, gorap saklamak, dikeltmek we oňa gözegçilik etmek maksady bilen döredilendir. Biosfera goraghanalary ÝUNESKO-nyň ýolbaşçylygynda halkara we milli ylalaşyklaryň esasynda döredilýär. Häzirki wagtda dünýäniň 120 döwletinde 669 sany biosfera goraghanasy hereket edýär.

1972-nji ýylda Birleşen Milletler Guramasynyň daşky gurşawy goramak meselesi boýunça geçiren maslahatyndan soň, dünýäde biosfera goraghanalaryna uly üns berlip başlanýar. Şondan soň ÝUNESKO-nyň «Adam we biosfera» taglymatynyň çäklerinde biosfera goraghanasy baradaky konsepsiýa işlenilip düzülýär. Bu konsepsiýanyň esasynda daşky gurşawy bilelikde goramak maksady bilen döwletler öz çäginde biosfera goraghanalaryny döretmek barada karara gelýärler. Döwletleriň arasynda biosferanyň ýagdaýyna dünýä derejesinde gözegçiligi amala aşyrmak maksady bilen dünýäniň dürli ýer böleklerinde biosfera goraghanalaryny döretmek pikiri orta atylýar. 1978-nji ýylda dünýä boýunça ilkinji 7 sany goraghana – Berezin, Kawkaz, Sary-Çelek, Sihote-Alin, Repetek, Prioks-Terras, Merkezi-Garatoprak goraghanalary «biosfera goraghanalary» diýlip yglan edilýär.

Biosfera goraghanasynyň baş maksady bellenilen çäkdäki biologik dürlüligi gorap saklamakdan we dikeltmekden, üýtgeýän ýagdaýlary tutuş dünýä derejesinde ylmy esasda öwrenmekden ybaratdyr. Biosfera goraghanasy tebigy goraghanalaryň, milli seýilgähleriň esasynda döredilýär.

Biosfera goraghanasy özara baglanyşykly 3 zolakdan durýar. Bu zolaklaryň her birinde gorag işi dürlüçe alnyp barylýar:

– Esasy gorag zolagy – ösümlik we haýwanat dünýäsine, goralýan meýdana antropogen täsirleriň ýetmedik ýa-da iň az derejede ýeten gymmatly tebigy toplumlary.

– Bufer zolagy – esasy gorag zolagy gurşap alýan, oňa



ýanaşýan zolak. Bu zolak adamyň hojalyk işjeňliginiň goraghananyň esasy gorag zolagyna zyýan ýetirmesiniň öňüni almak maksady bilen aýratynlandyrylýar.

– Geçiş zolagy – başgaça aýdylanda antropogen landşaftlar. Goraghananyň bir bölegi bolup, goraghana meýdanyny tokaý, suw gurşawy ýa-da ilatly ýerler bilen birleşdirýär.

Ýurdumyzyň çäginde ýerleşýän Repetek döwlet biosfera goraghanasy 1978-nji ýylda «biosfera» statusyna eýe bolan goraghanadyr.

**Mukam JUMAÝEW,**
*Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrliginiň Repetek döwlet biosfera goraghanasynyň ylym bölüminiň başlygy.*

Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!

## Albaniýanyň täze Prezidenti

**Albaniýanyň Halk Assambleýasynyň wekilleri (bir palataly parlament) Ýaragly güýçleriň baş ştabynyň öňki baştutany Baýram Begaýy ýurduň Prezidenti wezipesine saýlady. Maglumatlara görä, Begaý 78 ses alyp, şolaryň 74-si dolandyryjy Albaniýa Sosialistik partiýasynyň wekillerinden. Şeýlelik bilen, Begaý ýurduň sekizinji Prezidenti bolar we 24-nji iýulda häzirki Prezident Ilir Metanyň ygtyýarlyk möhleti gutarandan soň bu wezipäni eýelär.**



**Deputatlar 30-njy maýda üçünji gezek indiki Prezidentiň bellenilmegi barada ylalaşyp bilmediler – täze döwlet Baştutanyny saýlamak üçin 140 mejlis agzasynyň 84-isiniň sesi zerur hasap edildi. Kanun boýunça ses bermegiň galan iki tapgyrynda 74 orny bolan dolandyryjy partiýa, sosialistlere garanyňda, dalaşgärini saýlamak üçin sesleriň ýönekeý köplügini üpjün etmeli boldy.**

**Albaniýanyň Sosialistik partiýasy maý aýynyň ortalarynda prezidentlige dalaşgärleriň sanawyny düzdi. Dalaşgärleriň arasynda öňki goranmak ministri Mimi Kodeli, mejlisiň öňki başlygy Walentina Leskaý we öňki prokuror Ina Rama bardy.**

## Ýelizawetanyň ýubileýine bagyşlanan dabaralar

2-5-nji iýun aralygynda Beýik Britaniýada Ýelizaweta II britan tagtyna geçmeginiň 70 ýyllygy mynasybetli dabaraly çäreler guraldy. Ýurduň müňlerçe raýaty Şa zenany Ýelizawetanyň dolandyran döwrüniň platina ýubileýine bagyşlanan dabaralara gatnaşmak üçin Londonyň köçelerine çykdylar.

2-nji iýunda Ýelizaweta II täç geýmeginiň 70 ýyllygy bellenildi. Londonlylaryň köpüsi Bukingem köşgüne barýan esasy köçelere çykyp, orkestrleriň ýörişini mübärekläp, britan baýdaklaryny galdyrdylar. Köpler seýilgählerde guralan uly ekranlardan dabaralara tomaşa etdiler.

Baýramçylyk çäreleri Londonyň merkezinde «Trooping the Colour» harby parady bilen başlandy. Günortan Beýik Britaniýanyň ähli ýerinde artilleriýa salýuty ýaňlandy. Agşamara tutuş ýurtda maýaklary ýakdylar we Şa zenany Windsor galasyndaky esasy maýagyň yşyklandyryş dabarasyna gatnaşdy.

Şazada Wilýamyň aýaly, Kembrijiň gersogy Keýt üç çagasy bilen birlikde, şeýle-de şazada Çarlzyň aýaly Kornuollskaýa Kamilla ýubileýe gatnaşmak üçin Bukingem köşgüne ilkinji bolup geldiler. Soňra şazada Çarlz we Wilýam, şeýle-de Şa zenanyň gyzy, şazada Anna dagy ata münüp geldiler. Ýelizaweta II agtygy, häzirki wagtda aýaly Megan Markl bilen Los-Anjelesde ýaşaýan şazada Garri dabaralara gatnaşmak üçin Londona geldi.

Esasy çäreler 4-nji iýunda Bukingem köşgüniň öňündäki meýdançada geçirildi. Bu ýerde Şa zenanyň hormatyna köpçülikleýin dabaralar guraldy. Sahnada dünýä



belli sazandalar we aýdymçylar çykyş etdiler. Bu çärä 22 müňden gowrak adamyň gatnaşandygy habar berilýär.

5-nji iýunda Bukingem köşgüniň balkonyndan Şa zenany ýygnananlar bilen salamlaşandan soň Ýelizaweta II tagta çykmagynyň 70 ýyllygy mynasybetli dört günlük dabara tamamlandy. 96 ýaşly Şa zenanyň garrylygy sebäpli bu çärelere özüniň gatnaşmagy belli bir derejede çäklendirildi. Şol günüň maksatnamasynda atlylaryň 200-siniň gatnaşan harby ýörişi, şeýle hem sungat işgärleriniň çykyşlary aýratyn ähmiýete eýe boldy.

«Beýik Britaniýadan we Arkalaşygyň hemme ýerinden meniň platina ýubileýimi bellemek üçin gelenleriň hemmesine sagbolsun aýdýaryn» diýip, Şa zenany bir gün öň ýaýradan beýanatyna aýtdy. «Maňa bildirilen hoşniýetlilikden ylham almagymy dowam etdirýärin. Biz geljege ynam we joşgun bilen garanymyzda, soňky 70 ýylda gazanylan ähli üstünlikler hakda pikirlenmäge mümkinçilik döreder diýip umyt edýärin» diýip, Ýelizaweta II belledi.

Ýelizawetanyň britan tagtyna çykmagynyň 70 ýyllygy, onuň 2021-nji ýylyň aprelinde 99 ýaşynda aradan çykan adamsy Filippsiz geçiren ilkinji ýubileýidir. Ýelizaweta II 1952-nji ýylyň 6-njy fewralynda 25 ýaşynda tagta çykdy. Şol gün hem kakasy Korol Georg VI (1895-1952) aradan çykdy.

2015-nji ýylda ol garry enesi, Şa zenany Wiktoriýadan (1819-1901) ozdurup, iň köp wagt tagtda oturan hökümdar boldy. Ýelizaweta II ýurdy dolandyran döwründe Winston Çerçilden başlap, Boris Jonsona çenli 14 Premýer-ministr bilen işleşdi.

## STOKGOLM+50 MASLAHATY GEÇIRILDI

Şwesiýanyň paýtagty Stokgolmda Bütindünýä daşky gurşaw gününe bagyşlanyp guralan Stokgolm+50 halkara daşky gurşaw maslahatyna 10 ýurduň döwlet we hökümet Baştutany, şeýle hem 146 ýurtdan 110 ministr we alty müň wekiliýet gatnaşdy. Bu ýyl 1972-nji ýylda öňki Premýer-ministr Olof Palme tarapyndan başy başlanan Stokgolm maslahatynyň 50 ýyllygy bellenilýär. Stokgolm+50 maslahaty Şwesiýanyň we Keniýanyň hökümetleriniň goldawy bilen BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan guraldy. Forumyň maksady, global durnukly ösüş maksatlaryny durmuşa geçirmek, koronawirus pandemiýasyndan soň durnukly dikeldişe goldaw bermek, şeýle hem «ýaşyl» tehnologiýalara geçişi çaltlandyrmak ýaly wezipelerden ybaratdyr.

Çäräni açan Şwesiýanyň Koroly Karl XVI Gustaw, BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterriş we Şwesiýanyň Premýer-ministri Magdalena Andersson dünýä ýurtlaryny howanyň üýtgemeginiň öňüni almak üçin has işjeň we anyk çäreleri görmäge çagyrdylar. Çykyş edenler, «ýaşyl» tehnologiýalara geçmegiň üns merkezinde bolmalydygyny, sebäbi daşky gurşaw meseleleriniň tutuş adamzada howp salýandygyny bellediler. Şeýle hem bu ýokary derejeli duşuşygyň durnukly we «ýaşyl» ykdysadyýetiň ösmegine goşant goşjakdygyna, has köp iş ýerleriniň döredilmegine we planetanyň ösüp, özgerişini çaltlandyrmaga ýardam berjekdigine umyt bildirdiler.

50 ýyl mundan ozal adamzadyň tebigaty goramak boýunça köpçülikleýin jogapkärçiligini ykrar edendigini bellän BMG-niň Baş sekretary muny parahatçylygyň, abadançylygyň we ösüşiň ilkinji şerti





diýip atlandyrdy. Antoniu Guterriş öz çykyşynda:

– Hakykatdan hem, soňky ýyllarda adamzat uly öňegidişlik gazandy. Ýöne muňa garamazdan, häzirki wagtda daşky gurşawy goramak esasy wezipeleriň birine öwrüldi. Halkara jemgyýetçiliginiň tagallalaryny birikdirip, ozon gatlagyny halas etmegiň hötdesinden gelmegi hyzmatdaşlygyň ajaýyp nusgasydyr. Häzirki wagtda ilatyň köpelmegi we maddy üpjünçiligiň gowulanmagy bilen «ekologik yzlarymyz» tebigata aşa agyr düşýär. Şu günki günde howanyň üýtgemegi, ekoulgamyň ýaramazlaşmagy we howanyň hapalanmagy ýaly esasy üç mesele görnetin öňe saýlanýar. Men dünýäniň ýurtlaryny şu günki we geljekki nesilleriň arassa hem-de sagdyn gurşawa bolan hukugyny ykrar etmäge çagyrýaryn. Biz daşky gurşawa çynlakaý baha bermelidiris, adamzadyň ösüşine we abadançylygyna baha berlende diňe jemi içerki önümiň görkezijileri bilen çäklenmeli däldiris – diýip belledi.

Ol emele gelen häzirki ýagdaýlardan çykmagyň ýollarynyň Durnukly ösüş maksatlarynda we Parižiň howa boýunça şertnamasynda kesgitlenendigini, ýöne durmuşa geçirilmeginiň zerurdygyny ýatlady, bu ýyl dünýä liderleriniň biodürlüligi goramak boýunça meýilnamalary barada belli karara geljekdiklerini, plastik hapalanma garşy göreş boýunça işleriň dowam etjekdigini we Ummanlar boýunça konferensiýanyň deňizleri halas etmek boýunça çäreleri giňeltmäge mümkinçilik berjekdigini belledi.

– Alymlar ýakyn bäş ýylda howanyň temperaturasynyň wagtlaýyn 1,5 gradusdan (Parižiň howa boýunça şertnamasy esasynda ahyrky dereje bilen kesgitlenýän) ýokarlanmak ähtimallygynyň bardygyny duýdurýarlar. Biz bu ýagdaý bilen ylalaşyp bilmeris. 2050-nji ýyla çenli uglerod bitaraplygyny gazanmak maksady bilen 2030-njy ýyla çenli zyýanly zyňyndylary 45% azaltmalydyrys – diýip, BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterriş belledi.

Uglerod bitaraplygy diýmek ýyladyşhana gazlarynyň zyňyndylaryny ummanlaryň we tokaýlaryň özüne siňdirip, 0 derejä çenli azalmagyny aňladýar. Bu häzirki döwürde adamzadyň öňünde durýan iň kyn meseleleriň biridir.

Antoniu Guterriş ösen ýurtlary howanyň üýtgemeginiň täsirlerine uýgunlaşyp bilmekleri üçin ösýän ýurtlara goldawlaryny iki esse artdyrmaga çagyrdy. BMG-niň Baş sekretary dünýä ýurtlaryny kömür gazyp almakdan ýüz döndermegi we maliýe guramalaryndan gazylyp alynýan energiýa serişdelerini öndürmek üçin maýa goýmazlygy maslahat berdi. Guterrişiň pikiriçe, täzelenip bilýän çeşmelerden energiýa öndürmek üçin niýetlenen tehnologiýalar köpçüligiň eşreti üçin giňden ulanylmalydyr. Baş sekretar tokaýlardaky agaçlaryň çapylmagyny azaltmagyň, energiýanyň netijeliligini ýokarlandyrmagyň, kenarýaka ekoulgamlary goramagyň we ýakyn 10 ýylda azyndan bir milliard gektar arryklan ýerleri dikeltmegiň zerurdygyny öňe sürdi.

– Bularyň hemmesine hötde gelip bilsek, howanyň hapalanmagynyň öňüni alyp, durnukly ösüş gazanarys – diýip, Guterriş belledi. Ol adamzady 1972-nji ýyldaky Stokgolm jarnamasynda beýan edilen borçnamalary ýerine ýetirmäge çagyrdy.

– Hemmeler üçin diňe bir planetamyz bar – diýip, Antoniu Guterriş çykyşyny jemledi.

## Daşky gurşawyň goragynda

**Malaýziýa global klimat çökgünligine garşy göreşiň çäklerinde 2050-nji ýyla çenli uglerod zyňyndylaryny 0 derejä çenli azaltmagy maksat edinýär. Bu barada Malaýziýanyň Premýer-ministri Ismail Sabri Ýakob Bütindünýä daşky gurşaw güni – 5-nji iýunda aýtdy.**

**Ol hökümetiň 2050-nji ýyla çenli zyýanly gazlaryň howa goýberilmeginiň ýaramaz täsirleriniň öňüni almak maksady bilen zerur kanuny çäreleri görjekdigini aýtdy. Şeýle hem Malaýziýa Aziýa bileleşiginiň üsti bilen howa goýberilýän zy-**



**ýanly galyndylary azaltmak babatda beýleki ýurtlar bilen tagallalaryny birikdirer.**

**Malaýziýanyň hökümet başlygy 2025-nji ýyla çenli ýurtda elektrik energiýasyny öndürmekde gaýtadan dikeldilýän energiýanyň paýynyň 31 göterime, 2035-nji ýyla çenli 40 göterime ýetirilmegini üpjün etmek üçin ähli çäreleriň görülýändigini aýtdy. Premýer-ministriň sözlerine görä, hökümet ýurduň umumy meýdanynyň 50 göterimden gowragyny öz içine alýan tebigy tokaýlary gorap saklamagy maksat edinýär.**

## «GOOGLE» TERJIMEÇI ÄÝNEK HÖDÜRLEDI

**«Google»-niň baş direktory Sundar Piçai islendik dilleri terjime edip bilýän «akylly» äýnegiň nusgalyk görnüşini hödürledi. Ol şeýle äýnegi «Google IO» maslahatyna gatnaşyjylara görkezdi. Bu äýnegi dakynan adam, söhbetdeşi daşary ýurt dilinde gürleýän mahaly äýnegiň linzalaryndan geçýän terjime edilen ýazgylary okamak arkaly oňa düşünip bilýär.**

**«Google»-niň dolandyryş müdiri Eddi Çang täze äýnegi işläp düzenler bilen söhbetdeş bolanda, olar täze tehnologiýanyň dil päsgelçiliklerini ýeňip geçjekdigini tassykladylar. Çangyň pikiriçe, äýnegiň linzasynyň aşagyndan geçýän ýazgylar kópleriň dil meselesini çözüp biler.**



## «Gül haly» Brýussele gaýdyp gelýär

Koronawirus pandemiýasy sebäpli dört ýyllyk arakesmeden soň, Brýusselde ady rowaýata öwrülen «Gül halysy» sergisi geçiriler. Iki ýyldan bir gezek geçirilýän meşhur çäre barada Brýussel şäher häkimligi mälim etdi.

– Bu ýyl köklerimize dolanmagy alamatlandyrýan haly dizaýny barada pikir etdik. Şonuň üçin indiki çärede biziň 1971-nji ýyldaky ilkinji halymyza salgylanylar – diýip, täjirçilik maksatly bolmadyk «Gül haly» guramasyna ýolbaşçylyk edýän şäheriň medeniýet boýunça geňeşiniň agzasy Delfina Huba aýtdy.

– «Gül halysy» çäresi syýahatçylyk we medeni senenamamyzda aýratyn ähmiýetli wakalaryň biridir. Brýussel şäheriniň ilaty serginiň paýtagtyň merkezi meýdançasyna gaýdyp gelmegine diýseň hoşal – diýip, Huba sözüniň üstüne goşdy.

Taslamanyň 50 ýyllygyna bagyşlanan häzirki «halynyň» dizaýny, ilkinji «halyny» dörediijiniň şägirtleri bolan meksikaly gülçi suratkeş Ru Aguilar Aguado we Koen Wondenbuşyň ygtyýaryna berildi. Olar bilelikde ony häzirki zaman tehnikalaryna uýgunlaşdyryp, 1971-nji ýyldaky nagşy dikeltmek üçin 280 sagatdan gowrak wagt sarp etdiler.

Gül kompozisiýany Flandriýada ösdürilip ýetişdirilen hrizantemalar öz içine alýar.



– ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilen «Gül haly» çäresi Brýusselde jahankeşdeleri özüne çekmek üçin möhüm itergi bolup hyzmat edýär. Serginiň gaýdyp gelmegi, ony Brýusselde tomusky syýahatçylygyň esasy wakasy hökmünde gün tertibine goşýar. Bu çäre myhmanhana we restoran pudagy hem-de şäher merkezindäki dükanlar üçin hem uly goldawdyr – diýip, Delfina Huba belledi.

## 77-nji mejlisiň başlygy saýlandy

8-nji iýunda wengriýaly diplomat Çabu Köröşi BMG-niň Baş Assambleýasynyň 77-nji mejlisiniň Başlygy wezipesine saýlandy. Çabu Köröşi 1958-nji ýylda doglan, Moskwanyň döwlet Halkara gatnaşyklary institutyny tamamlady. Ol Wengriýanyň BMG-däki hemişelik wekili bolup işledi. Şeýle-de, diplomat hökmünde Liwiýada, BAE-de, Ysraýylda we Gresiýada işledi. Häzir ol öz ýurdunda Prezidentiň edarasynda ekologiýa durnuklylyk bölüminiň müdiri bolup işleýär. Köröşi iňlis, arap, fransuz we rus dillerini bilýär.

Köröşi öz çykyşynda raýdaşlyga, daşky gurşawa we ylma bil baglap, global meseleleriň çözgüdini tapmagy wada berdi. BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterriş onuň bu maksatlaryny goldap, öňde duran aýlaryň halkara ulgamy üçin çynlakaý synag boljakdygyny belledi. Wengriýanyň wekili Maldiwleriň häzirki daşary işler ministri Abdullah Şahidiň ornuny tutar. Antoniu Guterriş wezipesini tamamlan başlyga hoşallyk bildirip, Çabu Köröşi BMG-niň Baş Assambleýasynyň 77-nji mejlisiniň başlygy wezipesine saýlanmagy bilen gutlady.

– 77-nji sessiýa özgerişlere itergi, köptaraplaýynlygyň ýörelgelerini kämilleşdirmek we global hyzmatdaşlygyň esaslaryny berkitmek üçin mümkinçilik bolup biler – diýip, Antoniu Guterriş belledi.

Antoniu Guterriş wengriýaly diplomatyň



başlyklyk etjek döwründe onuň raýdaşlyga, durnuklylyga we ylmy çemeleşmä esaslanýan çözgütleri gazanmak islegini makullap:

– Biz onuň bilen durnukly çözgütleri tapmaga, umumy maksatlarymyza ýetmäge we umumy gymmatlyklarymyzy goramaga gönükdirilen bilelikdäki tagallalarymyzy amala aşyrarys – diýip, belledi.

Baş Assambleýanyň 77-nji sessiýasy 12-nji sentýabrda açylar. Şol gün Çabu Köröşi başlyklyk wezipesine girişer.

## DÜNÝÄ HABARLARY

### gysga setirlerde

► **Ýelizawetanyň şekilleri bilen bezeldi.** Beýik Britaniýanyň Wiltşir graflygyndaky Stownhenj ýadygärliginiň daşlarynyň ýüzüni Şa zenany Ýelizaweta II şekilleri bezedi. Bu çäre Şa zenanynyň tagta geçmeginiň 70 ýyllyk ýubileýine bagyşlandy. Ýelizawetanyň jemi 8 portreti onuň tagtda bolan ýyllaryna bagyşlanypdyr.



► **Gymmat awtoulag tapdylar.** 1971-nji ýylda 14 nusgada öndürilen «Plymouth Hemi 'Cuda» seýrek awtoulaglaryň biri bolup, Tehasdaky (ABŞ) köne garažlaryň birinden tapyldy. Şol bir ýerde 46 ýyllap duran awtoulagy eýesi 1976-njy ýylda soňky gezek süren eken. Indi doly abatlanan awtoulag Çikagodaky sergide görkeziler.



► **BMG makul bildi.** BMG Türkiýäniň ýurduň adynyň daşary ýurt dillerinde «Türkiye» diýip üýtgetmek baradaky resmi haýyşyny bitirdi. Indi «Türkiye» («Türkiýe») ady ähli halkara maslahatlarynda hem-de ozal dürli görnüşli atlaryň (Turkey, Turkei, Turquie we ş.m) ulanylan resminamalarynda ulanylar.



► **Şon Konneriniň ulagy satylar.** Awgust aýynda Kaliforniýanyň «Broad Arrow» auksion öýi meşhur britan aktýory Şon Konnerä degişli bolan nusgawy «Aston Martin DB5» kysymly awtoulagy satuwa çykarar. Awtoulagyň 1,4 million bilen 1,8 million dollar aralygynda satylmagyna garaşylýar.



► **Aşpezlik şüweleňi geçirilýär.** 4-nji iýunda Çehiýanyň paýtagtynda dünýäniň 46 ýurdundan aşpezlik maksatnamasyny hödürleýän «Food & Culture» festiwaly pandemiýa sebäpli iki ýyllyk arakesmeden soň ýene-de açyldy. «Fermer bazarlary» birleşigi çäräniň guramaçysy boldy.



► **Adaty bolmadyk jaý.** «Gaia» atly adaty bolmadyk jaýy gurmak üçin tebigy materiallar we oba hojalygynyň galyndylary ulanyldy. Şol bir wagtyň özünde Italiýanyň «Crane Wasp» modully 3D printerinde çap etmek tehnologiýasynyň mümkinçilikleri görkezildi. Jaýyň meýdany 30 inedördül metre deň.



► **83 ýaşly deňizçi.** Ýapon deňizçisi Keniçi Hori Ýuwaş ummandan öz ýahtasy bilen ýekelikde ýüzüp geçen dünýäniň iň garry adamy boldy. 27-nji martda San-Fransisko şäherinden ugur alan 83 ýaşly ýapon deňizçisi 69 günde 8500 kilometr ýol geçip, Ýaponiýanyň günbataryndaky Kii kanalyna baryp ýetdi.



► **Kosmos gämisini uçurdy.** 5-nji iýunda Hytaý «Týangun» orbital bekedine borty üç taýkonawtly «Şençžou-14» kosmos gämisini uçurdy. Ekipažyň düzüminde Çen Dun, Lýu Ýan we Saý Sýuçže bar. Lýu Ýan Hytaýyň pilotirlenýän kosmonawtikasynyň taryhynda ilkinji zenan taýkonawtdyr. Ekipažyň agzalary orbital beketde alty aýlap bolarlar.



► **«Suw perileriniň» rekordy.** Beýik Britaniýada 388 zenan suw perisiniň eşigini geýip, 301 «suw perisiniň» gatnaşmagynda guralan öňki rekordy täzelediler. Çäräni guraýjylar rekord baradaky maglumaty resmi taýdan ykrar etdirmek üçin Ginnesiň rekordlar kitabyna ýolladylar.



► **«Türk dünýäsiniň ýaşlar paýtagty».** Özbegistanyň iň gadymy we owadan şäherleriniň biri bolan Buhara şäheri 2022-nji ýylda «Türk dünýäsiniň ýaşlar paýtagty» diýlip yglan edildi. Bu karar Türki döwletleriniň guramasynyň ýaş ýolbaşçylarynyň Buharada geçirilen 4-nji forumynyň çäginde kabul edildi.



## TARYHDA ŞU GÜN

**Amerikaly oýlap tapyjy Milton Reýnolds ABŞ-da şarikli ruçka patent alyp, 1943-nji ýylyň 10-njy iýunynda köpçülikleýin öndürip ugrady. Şol wagtlar Nýu-Ýorkuň bir dükanynda bir günde 10 müň sany ruçka satylypdyr. 1958-nji ýylda fransiýaly Marsel Bik şarikli ruçkany has-da kämilleşdirip, häzirki wagtda ABŞ-nyň ruçka bazarynyň üçden birine eýeçilik edýän BIK korporasiýasyny esaslandyrýar.**





Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.




Gadym zamanlarda gök asmanyň astynda garry güjüm agajy ösüp oturan eken. Bir gün güjüm agajy ömrüniň paýawlap, basym gurap galjakdygyna göz ýetiripdir. Bahar pasly ýaňy ýaşyl begrese bürenip, baglar pyntyklap başlan eken. Günlerde bir gün, garry güjüm agajy mylaýym öwsüp duran bahar şemalyna garap:

– Eý, baharyň tämiz şemaly, sen meniň iň ýakyn köne dostum! Sen uzak ýyllardan bäri meni ýelpäp geldiň, şahalarymy ygşyldadyp, meniň bilen söhbetdeş bolduň. Ýöne görşüň ýaly indi meniň ömrüm paýawlap barýar. Eýsem, sen meniň haýyşymy kabul edip, bir möhümimi bitirip bilmezmiň? – diýipdir.

Bahar şemaly bu sözleri eşidenden soňra, güjümiň göm-gök öwsüp oturan ýaşlyk ýyllary ýadyna düşüp, gamlanypdyr. Ol garry güjüm agajynyň ýapraklaryny sypalap:

– Haýyşyňy aýt. Her näçe kyn hem bolsa, berjaý ederin. Sen meniň iň gowy dostum ahyryn. Eger saňa kömegim degmejek bolsa, onda bu dünýäniň haýsy işine nepim deger? – diýipdir.

Mähirden doly sözleri eşiden garry güjümiň gözlerine ýaş aýlanyp, şeýle diýipdir:

– Şu ýyl, tomsuň ahyrynda meniň gurajakdygym gümansyz, ýagdaý şeýle bolansoň, meniň iň soňky tohumymy dünýäniň iň gowy mes toprakly ýerine alyp gitmegiňi, ony şol ýerde ekmegiňi haýyş edýärin. Goý, ol gowy boý alyp, dünýäniň iň uly, iň güýçli güjüm agajy bolsun. Eger haýyşymy berjaý etseň, menden soň, iň soňky perzendimiň dünýäniň iň beýik agajy boljakdygyna ynanýan.

– Men seniň iň soňky tohumyňy diňe bir dünýäniň göm-gök öwsüp oturan ýerine äkitmän, eýsem, ol ösüp boý alýança her bahar onuň ýanyna sowlup, esewan boljakdygyma hem söz berýärin – diýip, bahar şemaly köwsarlapdyr.

Garry güjüm örän hoşal bolup, iň soňky tohumyny bahar şemalynyň ygtyýaryna beripdir. Şemal, güjümiň tohumyny holtumyna düýrläp, sähradyr derýalardan, dagdyr deňizlerden aşyryp, ony dünýäniň iň gök öwsüp oturan mekanyna eltip ekipdir.

Aý aýlanyp, ýyllar geçipdir. Şemal garry güjüme wada berenligi üçin her bahar ýaş güjümiň ýanyna sowlupdyr. Onuň ýylsaýyn boý alýandygyny gören şemal öz ýanyndan begenipdir. Ýaş güjüm agajynyň daş-töwereginde başgada agaçlar bolup, olaryň üstünde guşlar höwürtgelän eken.

Şemal ýaş agajyň ýeke däldigine, beýleki agaçlar bilen gürleşip bilýändigine we ýekelikden ýüreginiň gysmajakdygyna begenipdir. Emma şemal ýaş güjümiň şahalarynyň üstünde hiç wagt guş görmändir. Şonuň üçinem «guşlaryň üstünde oturyp, höwürtge ýasaryndan agaç heniz ýaş bolarly» diýip, öz ýanyndan pikir edipdir.

Şemal agajyň ýanyndan örän hoşal ýagdaýda gaýdypdyr, çünki geljek ýyla çenli güjümiň uly agaç bolup ýetişjekdigine, köp sanly guşlaryň hem onuň şahalarynyň üstünde höwürtge ýasanyp biljekdigine we şol guşlaryň ýaş güjüme örän oňat dost boljakdygyna göz ýetiripdir.

Indiki ýyl baharyň başlarynda şemal daragtyň ýanyna barmaga howlugypdyr. Şahalarynyň ýüzünde göm-gök pyntyjaklar göze ilýän güjüm agajy ýaňy gyş ukusyndan oýanan eken. Şemal her ýylky adatyna görä, onuň şahalarynyň arasyndan ýuwaşlyk bilen öwsüp geçip, pyntyjaklaryny sypalapdyr. Emma göwnüne bolmasa, bu ýagdaý güjüme ýaramaýan ýaly görnüpdir. Birdenem ýaş güjüm şahalaryny ýygnap, gazap bilen şeýle diýipdir:

– Habarsyz zatsyz gös-göni geläge-de, şahalarymy yralamaga kim saňa rugsat berdi? Eýsem, aňyrdan gelşiňe, meniň şahalarymyň arasyndan geçmäge kim saňa ejaza berdi? Sen ilki menden rugsat al, diňe şondan soň men rugsat beren halatymda, şahalarymyň arasyndan geçip bilersiň. Ýogsa-da, saňa bu barada edep-terbiýe bermedilermi?

– Eý, ýaşajyk güjüm! Seniň tohumyňy uzak ýerlerden holtumyma düýrläp, sähradyr derýalardan, dagdyr deňizlerden aşyryp getiren-ä men. Men dünýäniň iň bereketli mekanynda seni ekip, her ýyl görmäge geldim we boý alşyňy guwanyp synladym. Bulardan geçip, indi sen meni tanamajak bolýaňmy? Belki-de sen meniň agaçlaryň iň ýakyn dostudygymy bilýänem dälsiň? Agaçlaryň ählisiniň gunçalary meniň «elim» bilen açylýarka, sen meniň bilen özüňi şeýle alyp barýaňmy?

Ýaş güjüm şeýle diýipdir:

– Men seni gaty gowy tanaýan, bardygyňam bilýän. Gaýtam, sen meni tanamajak bolýaň, eýsem «her bir agajy ygşyldatmaga hakym bar» diýip pikir edýän sen däl-de kim? Ýöne sen meniň beýleki agaçlar ýaly däldigimi hökman bilmelisiň, men güjüm, düşündiňmi, şoňa görä-de, mundan buýana şahalarymyň arasyndan öwsüp geçip, şahalarymy sandyratjak bolsaň, ilki bilen menden rugsat al, ýogsa, şahalarymy ýygryp, saňa geçmäge asla rugsat bermen.

Bahar şemaly onuň bolşundan juda nägile bolup, pessaýja sesi bilen şeýle diýipdir:

– Hawa, indi sen ulaldyň. Bu ýyl guşlar seniň şahalaryňda höwürtge gurar. Ýöne seniň şahalaryň arasyndan geçmesem, ýapraklaryň güneşiň öňüne böwet bolar. Onsoň ýumurtgalan guşlar, jüýjelerini çykaryp bilmez.

Şu ýerde ýaşajyk güjüm ör-gökden gelip, gödeklik we edepsizlik bilen şeýle diýipdir:

– Sen guşlaryň üstümde höwürtge gurmagyna, şahalarymyň üstünde jüýjelerini ulaltmagyna ýol berjegimi nireden bilýäň? Men şeýle rugsady häzire çenli hiç bir guşa beremok, mundan buýana-da bererin öýdemok!

Bahar şemaly şondan soň, güjümiň şahalaryna näme üçin guşuň gonmaýandygyna düşünipdir, hemem geň galyp şeýle diýipdir:

– Guşlar agaçlaryň iň gowy dosty ahyry. Daş-töweregiňe göz aýla, bu agaçlaryň ählisi guşlary gowy görýär hemem öz üstünde guşlaryň höwürtge gurmagyny isleýär. Sen güjümsiň, güjüm agajy bolsa, agaçlaryň arasynda hemişe guşlaryň iň gowy dosty bolup gelýär. Eger garry güjüm bolan «ejeň» seniň şahalaryň we ýapraklaryň arasynda guşlaryň her ýyl höwürtge gurandygyny gören bolsa, juda begenerdi.

Ýaş güjüm şemalyň sözüni bölüp, şeýle diýipdir:

– Beýleki agaçlaryň näme edýäni, «ejemiň» guşlaryň höwürtge gurýanyna begenjegi bilen meniň asla işim ýok. Men hiç bir guşa öz üstümde höwürtgelemäge ýol bermen!

Bu sözleri eşidip gama batan bahar şemaly hiç zat diýmän, güjümi öz erkine goýup, beýleki agaçlaryň arasyna barypdyr. Bularyň gürrüňini eşiden beýleki agaçlar şemala göwünlik berip, gamgyn bolmagyna ýol bermändirler. Agaçlaryň ählisi ony öz şahalarynyň arasyndan öwsüp geçmäge hem-de özleri bilen söhbet etmäge çagyrypdyrlar. Gam-gussa batan şemal mundan beýläk näme boljagyny bilmek üçin şol ýerde galmagy ýüregine düwüpdir.

Ep-esli wagt geçipdir. Howa gyzyp, agaçlar ýapraklapdyr. Ýyly ýurtlara giden guşlar yzlaryna gelip, baglaryň şahalarynda höwürtge gurmaga durupdyrlar. Guşlary gören her bir agaç şahalaryny giňden açyp, öz üstünde höwürtge gurmagyny haýyş edipdir, emma güjüm bolsa şahalaryny ýygnap, guşlara barmysyňam diýmändir.

Guşlar süri-süri bolup göçüp, baglaryň üstünde höwürtge gurmaga başlapdyrlar. Şeýlelikde, agaçlaryň üstünde boş ýer galmandyr. Iň soňky guş sürüsi gelende, güjümden galan ähli agajyň şahalary höwürtgeden doly eken. Guşlar ganat kakyp, güjüme bakan ýönelipdirler, ýöne güjümiň şahalaryny ýygnaýandygyny görüp, juda geň galypdyrlar. Juda ýadaw bolansoň, bada-bat baga gonjak bolup, soňam yza tesen guşlaryň biri şeýle diýipdir:

– Salam ýaşajyk agaç, näme üçin şahalaryňy ýygnaýaň? Sen şahalaryň üstünde biziň höwürtge gurup, jüýjelerimizi ösdürip ýetişdirmegimizi isläňokmy? Eýsem, sen biziň jürküldimizi we jüýjelerimiziň sesini eşidesiň gelenokmy? Biz bu ýerde hem-ä höwürtge guralys hem-de ýolda gören- eşidenlerimizi size we baglara gürrüň bereris diýen umyt bilen şunça ýoly söküp ýaňa geldik. Eger üstüňde höwürtge gurmaga ýol bermeseň, bize başga ýer tapmak kyn düşer.

Güjüm şahalaryny has-da gysyp:

– Men ýaşajyk agaç däl-de güjüm! Siz heniz meniň doly adymam bileňzok! Onsoňam men sizden göçüp gelmegi, üstümde höwürtge gurmagy hemem gören-eşiden zatlaryňyzy gürrüň bermegi haýyş etdimmi? Meň üstümde size ýer ýok, şonuň üçinem töweregimde gaýmalaşyp ýörmäňde, göteriliň şu ýerden!

Guşlar şeýle diýipdir:

– Ýöne biz her ýyl bärik gelip, bu ýerde höwürtge gurýardyk. Şahalarynda höwürtge gurdurmak üçin beýleki agaçlaryň bizi nähili çagyrýanyny göreňzokmy? Onsoňam guşlaryň owazy bolmasa, hiç bir agajyň bahary göz öňüne getirip bilmeýändiginden habaryň ýokmy?

Güjüm şeýle diýipdir:

– Meniň agaçlar bilenem, siz bilenem işim ýok, gidiňde özüňize başga ýerde höwürtge guruň! Men size rugsat beremok!

Güjümiň sözlerine gamgyn bolan guşlar ýere gonupdyrlar. Olar juda ýadaw bolansoň, başga ýere gitmäge mejallary bolmandyr. Ol ýerdäki hoz agajy güjümiň bolşuna gahary gelip, guşlara şeýle diýipdir:

– Näme üçin ähli agaçlaryň iň garrysyna we ulusyna arz etmeýärsiňiz? Güjümiň bolşuna biziň özümiz şaýat bolarys.

Guşlar uçup, ähli agaçlaryň iň ulusy bolan garry dubuň ýanyna barypdyrlar hemem güjümiň bolşundan närazylyklaryny bildiripdirler. Olaryň sözüne birbada ynanmadyk garry dub, öz üstünde guşlara höwürtge gurmaga ýer bermeýän güjümiň bardygyna şübhelenipdir. Onsoň garry dub şahalaryny kakyp, bahar şemalyny ýanyna çagyryp, her agaçdan, bir ýaprak getirip bermegini haýyş edipdir. Ýapraklar guşlaryň aýdýanynyň dogrudygyna ýada nädogrudygyna şaýatlyk etmeli ekenler.

Aralaryndaky bolan gürrüňlere garamazdan, şemal ýaş güjümi gowy görüpdir. Şonuň üçinem beýleki agaçlardan ýaprak almazdan ozal, ol ýaş güjümiň ýanyna baryp, şeýle diýipdir:

– Meniň bilen gepleşmek islemeýäniňi bilýän, ýöne «ejeňe» beren sözümi unudyp bilemok. Ýaňy garry dub agaçlaryň hersinden bir ýaprak getirip bermegimi haýyş etdi. Ol ýapraklardan seniň guşlar bilen özüňi alyp barşyň barada soramak isleýär. Sen meň diýenimi et-de, üstüňde guşlaryň höwürtge gurmagyna ýol ber, ýogsa, hemişelik ýeke galarsyň.

Gahary ýetjek derejesine ýeten ýaş güjüm şeýle diýipdir:

– Ygtyýar bermesemem, ýene gelip, meň bilen gürleşýäňmi? Meniň seni-de, guşlary-da, beýleki agaçlary-da ýigrenýändigimi nädip düşündireýin. Men şu geçen ýyllaryň içinde guşlaryň üstümde höwürtge gurmazlygy üçin ýerden hem onçakly iýmit almadym. Şoňa görä-de, şahalarym we ýapraklarym onçakly gür däl. Bar, git-de başga ýerden ýaprak al. Garry töňňäň bolsa etjek işi bolmaz!

Şemal tukat halda yzyna dolanypdyr. Ol agaçlaryň hersinden bir ýaprak alyp, garry duba eltip beripdir. Ýapraklaryň ählisi güjüm agajynyň garasöýmezligi – bahar şemalyna garşy özüni alyp barşy, güjümiň öz üstünde höwürtge gurmaga rugsat bermeýşi barada gürrüň beripdirler.

Muňa garry dubuň gahary gelipdir. Ol iň soňky guş sürüsiniňem höwürtge gurmaga ýer tapmagy üçin şahalaryny has giňden ýaýmaklaryny agaçlardan haýyş edipdir. Soňra ol daragtlardan gaýdyp güjüm bilen gürleşmezligi, otlara onuň golaýynda ösmezligi, guşlara öz nagmasyny güjüme eşitdirmezligi, bahar şemalyna bolsa, gaýdyp onuň şahalarynyň arasyndan geçmezligi we ony ýalňyz goýmagyny sargapdyr.

Aradan ep-esli wagt geçipdir. Bahar we tomus pasly gutaryp, güýz gelipdir. Howa ýuwaş-ýuwaşdan sowap, guşlar yssy ýerlere göçüp gitmegiň aladasy bilen bolupdyr.

Günleriň bir güni iki sany odun gözläp ýören adam agaçlaryň arasynda peýda bolupdyr. Olaryň eginlerinde ullakan paltasy bolup, gyşa ýeterlik boljak odunyň gözleginde aýlanyp ýören ekenler.

Odunçylar ýuwaşlyk bilen ýöräp, agaçlara içgin seredipdirler. Olar haýsy agajyň ýanyna barsa, onuň şahalarynyň üstünde köp sanly guş höwürtgeleriniň bardygyny görüpdirler. «Eger bu agaç çapylsa, guşlar höwürtgesiz galar» diýip, odunçylar öz ýanlaryndan pikir edipdirler.

Ahyrsoňy odunçylar hälki ýaş güjümiň ýanyna gelipdirler. Bu agajyň şahalarynyň üstünde bir guşuňam höwürtge gurmandygyny, töwereginde bolsa, hiç hili otuň ösmändigini görüp, olar diýseň geň galypdyrlar. Olar ýalňyz-tenha oturan bu agajyň şahalaryny, hatda şemalyň hem sypamaýandygyna göz ýetiripdirler. Odunçylar öz aralarynda «Bu güjüm çapylaýanda-da hiç bir guşuň höwürtgesiz, hiç bir otuň saýawansyz galmajakdygy hak» diýşipdirler. Soňra olar paltasyny egninden düşüripdirler-de, güýjünde baryny edip, güjümi çapmaga başlapdyrlar.

– Maňa palta urmaga kim size rugsat berdi? – diýip, güjüm gygyrypdyr.

Emma odunçylar onuň sesini eşitmändir we ony çapmagy dowam edipdirler.

Güjüm daş-töweregine garanjaklasa, agaç şahalarynyň üstünde oturyp, özüne seredýän köp sanly guşy görüpdir. Şonda ol öz ýanyndan «Bular meniň çapylýanyma begenýän bolmaly» diýip, pikir edipdir. Emma oňatja seretse ähli guşuň gynanýandygyna, käbiriniň bolsa, gözýaş dökýändigine göz ýetiripdir. Şol wagt ol bar güýjüni jemläp:

– Guşlar, näme üçin aglaýarsyňyz? Men size üstümde höwürtge gurmaga ýol bermedim ahyryn – diýipdir.

Golaýrakda oturan guşlaryň biri:

– Bize höwürtge gurmaga ýer bermeselerem, biz agaçlary gowy görýäris – diýip jürküldäpdir.

Güjüm şu ýerde ýalňyşyna düşünipdir we beýleki agaçlaryň şahalaryndan ýapyşmak üçin şahalaryny giňden ýaýyp, dalla isläpdir. Emma beýleki agaçlaryň özünden uzakda bolanlygy üçin şahalaryny olara ýetirip bilmändir. Ol gygyryp-bagyryp, agaçlary kömege çagyrypdyr. Emma batly urlan paltanyň iň soňky zarbasyndan soň, güjüm bir gapdala agyp, hiç zat aýdyp ýetişmändir.

*Terjime eden*
**Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.**

## ÇAGALAR

**2017-nji ýylda «biologik sagat» barada eden açyşlary üçin Jeffri Holla, Maýkl Rosbaşa we Maýkl Ýanga Nobeliň lukmançylyk baýragy berildi.**

# «BIOLOGIÝA SAGADY» – KADALY DURMUŞ ÝÖRELGESINIŇ KEPILI

Okuw gutardy, tomusky dynç alyş möwsümi dowam edýär. Indi okuwa gitmek üçin ir bilen turmaga zerurlyk ýok. Çagalaryň köpüsi çagalar sagaldyş we dynç alyş merkezlerinde dynç alýan bolsa, köpüsi wagtyny obada geçirýär ýa-da sportuň dürli görnüşi bilen meşgullanmak üçin ýörite okuwlara gatnaýar. Eýsem, bu döwürde ýatyp-turýan wagtyňyz üýtgedimi, ozalkysy ýaly ukyňyzdan lezzet alýaňyzmy, turanyňyzda şähdaçyk bolýaňyzmy? Eger ýatyp-turýan, naharlanýan, hereket edýän wagtyňyz üýtgän bolsa, siziň «biologik sagadyňyzyň» üýtgemegi bilen bagly bolup biler. Geliň, onda biologik sagadyň nämedigini öwreneliň!

Her adamyň işdäsi, gündelik edýän hereketi, ukusy başgaça bolýar. Bu zerurlyklaryň ählisi adama fiziki we ruhy taýdan täsir edýär. Gije-gündiziň 24-den biri bolan adaty sagatdan başga adamyň «biologik sagady» hem bolýar. Bu sagat adamyň tebigat bilen sazlaşykly bolmagyna täsir edýär. Bedendäki gormonlar bilen bagly bolan bu sagat, Gün batyp garaňky düşende uklamalydygymyzy, daň atanda oýanmalydygymyzy, belli bir wagtdan naharlanmalydygymyzy... ýatladýar. Ýagny adamyň tebigat bilen sazlaşykly hereket etmegini üpjün edýär. Her gün Günüň dogup-ýaşyşy ýaly, her ýyl gyşda gar ýagyp, baharda agaçlaryň pyntyklaýşy, tomusda ekinleriň hasyl berşi ýaly adam bedeninde hem yzygiderli gaýtalanýan belli bir hereket bolýar.

Bilermenleriň bellemeklerine görä, adam bedeninde bolup geçýän käbir zatlar Gün şöhlesi bilen gönüden-göni baglanyşykly. Her gün irden 5-de siz uklaýan bolsaňyz hem bedeniňiz «oýanyp», kortizon atly gormon bölüp çykaryp başlaýar. Sagat 11 boluberende bedeniň temperaturasy iň ýokary derejede gyzyp, fiziki işjeňlik ýokary derejä ýetýär. Irden 6-11 aralygy adamyň iň işjeň bolýan wagtydyr. Bu wagt aralygynda edilen iş hem önjeýli bolýar. Megerem, «Ir turan işinden dynar» sözi hem ýö-



ne ýere aýdylman, bu hakykaty tassyklaýan bolsa gerek. Gün öýlän boluberende, adamda ýadawlyk alamatlary duýlup başlaýar we ünsüni jemlemek adatdakydan peselýär. Şol sebäpli islendik iş edilende mahal-mahal arakesme edilmelidigi, esasan hem, yssy günlerde günortan irkilmegiň peýdalydygy bellenilýär. Bu uky o diýen uzyn bolmaly däl. Günortandan soňra, sagat 15:00 töweregi bedeniň energiýasy artýar, ýady täzelenýär. Agşam 22:00-da bedeniň iýmit siňdiriş ulgamy ýuwaşaýar. Gije 00:00-01:00 aralygynda entägem ýatmadyk bolsaňyz, beýni bedene uklamalydygyny ýatladýar, ýagny adamyň güýçli ukusy tutýar. Bu wagtda ünslülik örän pes derejä ýetýär. Bu biologik aýlaw adamyň gündelik durmuşyny sazlamaga ýardam edýär. Uky, dem alyş, bedeniň işjeňligi ýaly ýaşamak üçin zerur zatlar biologik sagada görä üýtgeýär. Bedeniň tebigat bilen sazlaşygynyň bozulmazlygy üçin her gün ýatyp-turýan, naharlanýan, işleýän, okaýan ýa-da sport bilen meşgullanýan wagtyňy üýtgetmezlik örän ähmiýetli hasaplanýar. Şol sebäpli gündelik ýerine ýetirýän işlerimizi şol biologik sagatlara görä sazlamagy endik edinmek okan kitabymyza has oňat düşünmäge, öwrenen maglumatymyzyň has gowy ýatda galmagyna, ýerine ýetirilen fiziki işimiziň önjeýli bolmagyna we iň esasysy saglygymyza oňyn täsir edýär.

Gündelik durmuşda şähdaçyk we şadyýan bolmak biologik sagadyň tertibine görä hereket etmek bilen gönüden-göni baglanyşyklydyr. Dynç günlerinde hem uklaýan wagtyňy üýtgetmezlik, ýagny şol bir wagtda uklap, şol bir wagtda oýanmak ähmiýetlidir. «Biologik sagat» uky wagtynyň üýtgemegi bilen bozulýar. Bu bolsa, näçe köp ýatylsa-da, güni bilen özüňi ýadaw duýmaga sebäp bolýar. Uzak wagtlap telewizora seretmek, telefona güýmenmek, gije giç ýatmak, ýagty otagda uklamak, aşa galmagally ýerde ýatmak, gündizine hereketsiz bolmak, açyk howada gezmezlik rahat uklamaga päsgel berýär.

# KIM, HAÇAN OÝLAP TAPDY?

**GAÝÇY.** Bu guralyň oba hojalyk ekinleriniň ýapraklaryny, däneli ekinleriň başyny, agaç ýapraklaryny, gyzgyn çüýşäni, kagyzy, matany, hatda polat simi kesmek ýaly dürli maksatlar üçin ulanylýan onlarça görnüşi bar. Okuw esbaby hökmünde ulanylýan gaýçylaryň çagalara niýetlenen has howpsuz edilip ýasalanlary hem bar. Çagalar üçin niýetlenen gaýçylaryň dürli reňklisi we şekillisi onuň has-da özüneçekiji bolmagyna sebäp bolýar. Eýsem, häzirki wagtda dürli maksatlar üçin ulanylýan bu guralyň ilkinji nusgasy haçan peýda bolduka? Ol näme maksat bilen ulanyldyka?

Taryhçylaryň çaklamalaryna görä, ilkinji gaýçylar Bürünç eýýamynda çykan bolmaly. C şekilli ýaýjyklara berkidilen keserli gaýçylar miladydan ozalky 1500-nji ýyllarda Müsürde sungat eserlerini ýasamakda peýdalanylypdyr. Bu gural bitewi bürünç böleginden ybarat bolup, gyrkylyga meňzeş bolupdyr.

Rimlileriň hem bürünçden gaýçy ýasandyklary barada maglumatlar bar. Bu guraly müsürliler hem-de rimliler yzygiderli kämilleşdiripdirler. Soňky ýyllarda Rimde demir gaýçylar hem peýda bolupdyr.

Bürünçden we demirden ýasalan gaýçylar gadymy Rim bilen bir hatarda Aziýanyň käbir ýerlerinde hem ýasalypdyr. XVI asyrda Ýewropada ulanylan gaýçylar hem has irki döwürlerde ýasalan bu gurallara meňzeş bolupdyr. Gaýça meňzeş bolan bu gurallar demri döwmek arkaly işlemegiň täze usullarynyň peýda bolmagy bilen kämilleşipdir. 1761-nji ýylda angliýaly Robert Hinklif «Sheffield» atly guraly oýlap tapýar. Bu gaýçy guýma demirden ýasalypdyr. Şol döwürde beýleki metal gurallar ýaly gaýçy hem demri döwmek arkaly ýasalýan eken. Emma Hinklif demri guýmak arkaly gaýçynyň köpçülikleýin önümçiligini ýola goýmagyň usulyny tapypdyr. Şondan soňra gaýçynyň has ýönekeý görnüşleri peýda bolupdyr.

Häzirki wagtda has kiçi çagalar üçin ýasalýan gaýçylar plastmassadan ýasalýan bolsa, lukmançylyk maksady bilen ulanylýan gaýçylar poslama-



ýan polatdan ýasalýar. Gündelik durmuşda ulanylýan gaýçylar bolsa, ýumşak polatdan ýasalýar.

Goýun, geçi we ş. m. öý haýwanlarynyň ýüňüni gyrkmak üçin ulanylýan, synda meňzeş uzyn demir gaýça gyrkylyk diýilýär.

Haly dokalanda çitilen çitimi gyrkyp, halynyň ýüzüni tekizlemek üçin ulanylýan ulurak gaýça syndy diýilýär.

### Sudoku

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | 1 | 2 | | 5 |
| | | | 1 | 6 | |
| 1 | | 4 | | | |
| | 2 | 6 | 4 | | 1 |
| | 1 | | 6 | | |
| 4 | 6 | 2 | 5 | | 3 |

### Labirint








# GÜÝMENJE

Üç ölçegli suratyň içinde başga bir şekil gizlenen. Ony görmek üçin «gözüň bilen seretmeli, beýniň bilen görmeli». Suraty gymyldatman saklap, bulam-bujar şekiliň aňyrsyna serediň we biraz wagtdan gözüňizi ýuwaşlyk bilen suratdan daşlaşdyryň! Başga bir şekil peýda bolar.

**Birinji gezekde görüp bilmeseňiz, az-kem dynç alyp, täzeden synanyşyň!**




● **DIKLIGINE:** **1.** Uçut ýer. **2.** Ot, ýalyn. **3.** Ýurdumyzda bir etrap. **4.** Sözlemiň kim? näme? nire? diýen soraglara jogap bolup gelýän baş agzasy. **5.** Ýylgyn, sazak ýaly agaçlaryň iňňe şekilli inçejik ýapragy. **6.** ýuwaş-ýuwaşdan, haýal. **8.** Gemriji jandar. **9.** Bugdaý elenende galýan ownuk däneleri. **10.** Zulum, azar bermek. **11.** Iki ýa-da dört tigirli eşege, ýaba goşulýan ulag serişdesi. **12.** Ýurdumyzda dynç alyş zolagy. **13.** Okalyp alynýan bilim. **14.** Akja tozga görnüşinde ýere düşýän ygal. **15.** Atyň toýnagyna kakylýan demir. **16.** Uly göwrümli kyssa eseri. **21.** ...-pes. **23.** Miweli agaç. **25.** Köp kirişli, uly kädili, kiriş kakar bilen çalynýan halk saz guraly. **26.** Az, seýrek. **29.** Hat-ýazuw işlerini alyp barýan adam. **31.** Ýalpak çukur. **32.** Hakyky däl, ýasama. **33.** Gyzlaryň ýeňse çukurynda goýulýan çogdam saç. **34.** Suw jandary. **35.** Ýiti däl. **36.** Ekin ekmek üçin töweregi çillenen dört burç görnüşli ýer, atyz. **37.** Saz guraly. **38.** Kakaň ejesi. **43.** Penjegiň, köýnegiň we ş.m ýakasyna, ýeňine dakylýan düwme. **45.** Rowaýatçy, hekaýatçy. **47.** Iňrik garalan çagy. **48.** Gapy. **50.** ...-kanun. **51.** Dört tarapy suw bilen gurşalan gury ýer.

● **KESELIGINE:** **1.** Önüm öndürmek bilen meşgullanýan pudak. **3.** Milli lybas. **5.** Saply gural. **7.** Uzyn ýaprakly çeýe şahaly agaç. **9.** Uzyn däl. **11.** Sergezdan. **13.** Çepiň garşylykly tarapy. **15.** Gyzyl gülli, ownuk ýaprakly agaç. **17.** Däneli ekin. **18.** Aýaga geýmek üçin tikilýän gap. **19.** Sygyr sürüsi. **20.** Adamyň egni, gerdeni. **22.** Bir zat hakynda edilýän oý, gam. **24.** Miweli agaç. **26.** Nesilden nesile geçýän iň ýönekeý birlik. **27.** Bir era. **28.** Nahar. **29.** Kesp-.... **30.** Suwuk ýaraglaryň umumy ady. **32.** Geçiniň bir ýaşyna ýeten erkek jynslysy. **34.** Köp, kän. **39.** At esbaby. **40.** Gülli keçeleriň ortasyna basylýan, goç şahy görnüşli nagyş. **41.** Çarh oturtmak üçin guýynyň agzynyň iki gapdalyna dikilýän agaç. **42.** Äpet jandar. **44.** ...-isleg. **46.** Urkaçy balygyň tohumy. **49.** Akyly gysga. **52.** Ýyl hasaby ýöredilip ugran başlangyç pursat. **53.** Oglana dakylýan at. **54.** Hemişekisi ýaly bolup duran, hemişekilik. **55.** Ýokary okuw mekdeplerinde ylmyň belli bir pudagy boýunça mugallymlar toparynyň ýygnanan ýeri.

**Gurbanmyrat REJEPOW,** *Türkmen oba hojalyk institutynyň mugallymy.*






## 28-nji KROSSWORD

**Maksat ORAZOW,** *Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň diňleýjisi.*

● **DIKLIGINE:** **1.** Deňiz çuňlugyna üç ýüz metre çenli çümmäge mümkinçilik berýän enjam. **2.** Gowaçanyň heniz açylmadyk hoz şekilli düwünçegi. **3.** Gök-çal ýa-da ýaşyl-çal reňkli mineral daş. **4.** Oglana dakylýan at. **5.** «Bal süýji baldan ... süýji» (nakyl). **6.** Hindistanyň pul birligi. **7.** Sorag çalyşmasy. **8.** Deňiz jandarlaryny synlamak üçin emeli suw howdany. **12.** Mýanmanyň milli nyşanlarynyň biri. **14.** Özüni hondanbärsi tutýan, ulumsy. **17.** Ýurdumyzda içimlik suw çykarýan hojalyk jemgyýeti. **18.** Gadymy harby araba. **19.** Ummanda ýa-da deňizde erkin ýüzýän buz bölegi. **20.** Saz guraly. **21.** Geometriki figura. **24.** Agyry. **26.** «... başlar, kiçi işlär» (nakyl). **28.** Döwürleýin çap edilýän neşirler. **29.** Gurluşyk materialy. **31.** Göze dakylýan enjam. **32.** Epos. **35.** Daşary ýurtdan haýsydyr bir ýurduň içine harytlary getirmeklik. **37.** Süýt önümi. **41.** Ýewropada orta asyrlarda bir titul. **42.** Terbiýe, tertip-düzgün. **43.** Gadymy grek mifologiýasynda - Troýan söweşiniň gahrymany. **45.** Agajyň ýa-da ösümligiň esasy düýp baldagynyň gapdalyndan gögerip çykýan uly gollary, pudak.

● **KESELIGINE:** **2.** Ýylanyň bir görnüşi. **9.** Ekranda görkezilýän film. **10.** Gaýyşdan we ş.m. tikilýän uzyn gonçly aýakgap. **11.** Türkmen edebiýatynyň taryhynda ilkinji dessançy şahyr Nurmuhammet .... **12.** Ekin ekilmän ýatan boz ýer. **13.** Birine ýa-da bir zada edilýän idi, alada, gözegçilik. **15.** Nota. **16.** Awstraliýada iň uly köl. **17.** Bir zadyň aşagy, düýbi, teýi. **20.** Gawundan alynýan önüm. **22.** Guýrugy ak, çypar reňkli (at hakynda). **23.** Gysgyç, ysaç. **25.** Gurak, yssy, güýçli çöl tüweleýi. **27.** Oglana dakylýan at. **28.** Türkmen halk döredijiliginde manysyny pikirlenip tapmaly soragly tapmaça. **30.** Ahy-nala, zeýrenç. **33.** Türkmen milli lybasy. **34.** Awtoulag kompaniýasy ... Motors. **36.** Birden. **38.** Informasiýanyň mukdaryny ölçemegiň iň kiçi ölçeg birligi. **39.** Amerikaly aktrisa we tansçy ... Saldana. **40.** ...-dönüp. **44.** Gyza dakylýan at. **46.** Suw derejesiniň ortaça ölçegi. **47.** Haýal, ýuwaş, çala. **48.** Özbegistanyň Horezm welaýatynda ýerleşýän şäher. **49.** Dürli görnüşli surata düşürmek üçin çeýe polimer surat materialy.

26-njy krosswordyň jogaby:





● **DIKLIGINE:** **1.** Janly organizmleriň iýmit sindirişine we madda çalşygyna gatnaşýan iň uly mäz. **2.** Ýüz santimetre deň bolan uzynlyk ölçeg birligi. **3.** «Arkaly ... geplär, arkasyz çala geplär» (nakyl). 4. Ýewropada bir döwlet. **5.** Kiçeňräk göjek görnüşli buz bolup ýere ýagýan ýagyn. **7.** Kese, ýanyn, gyşyk. **8.** Gyzgynlygyň ölçeg birligi. **10.** Iň uly gurbagalaryň bir görnüşi. **11.** Şriftler, nyşanlar we bellikler ýasamak üçin programma. **12.** Günorta Afrikada bir döwlet. **13.** Kaka (köne söz). **15.** Türkiýäniň milli ajyly şerbeti. **18.** Yz ýanyndan, yzy bilen. **20.** Ýurdumyzda bir welaýat. **23.** Kiçiräk tikinçilik, fotografiýa kärhanasy. **26.** Günäsi ýok, günäli däl. **30.** Aýdym-saz termini. **32.** Oglana dakylýan at. **34.** Kyn däl, ýeňil. **35.** Russiýanyň milli tagamlarynyň biri. **36.** Dürli-.... **37.** Näsaglyk ýa-da şikes ýetmegi zerarly döreýän yza. **41.** Gorizontal stirelka. **42.** Hepdäniň bir güni. **43.** Ýewropanyň günorta-gündogar böleginde bir döwlet. **44.** Terligi giden, ýumşan. **45.** Meksikada ýaşaýan gyzyl reňk alynýan möjejik. **46.** Eňňit ýer, ýapgyt ýer, iniş. **50.** Ýigrimi kilograma barabar bolan agyrlyk ölçegi. **52.** Ýukajyk kesilip dilnen et böleginiň kakadylyp, bişirilen görnüşi. **56.** «... semrese, eýesini deper» (nakyl). **57.** Sahnada sazly-şahyrana keşpler janlandyrylýan sazly drama eseri. **58.** Çençak. **59.** Pygamberleriň biri. **60.** Oglana dakylýan at. **61.** Egin-.... **64.** Doly suratda we ýokary derejede kanagatlanma duýgusy hem-de kanagatlanarlykly ýagdaý. **66.** Bir zadyň dogrulygyna ýa-da nädogrulygyna bolan ynanç, esas.

● **KESELIGINE:** **1.** Himiki element. **3.** «Bir itim bar üýrmezek, öýe adam goýbermezek» (matal). **5.** Akylly, parasatly, akyldar. **6.** Ekilýän ekinleriň düýbüni ýumşadyp, haşal otlardan arassalaýyş işi. **8.** Nota. **9.** Zähmetde, işde we ş.m. zatlarda özüni tanadan, meşhur bolan. **14.** Bir zat deşilmek-jaýrylmak, zerarly aralykdan görünýän ýagtylyk. **16.** Beden synasy. **17.** Gelin-gyzlaryň gulagyna dakynýan bezeg şaý-sepi. **19.** Bir obada doglan, bir obada önüp-ösen, bir obadan bolan adamlaryň ýurtdaşlyk gatnaşygyny aňladýan söz. **21.** Baglaýjy kömekçi. **22.** Ýewropada orta asyrlarda asylly at. **24.** Gyza dakylýan at. **25.** Derwüş, galandar (köne söz). **27.** Döwletiň, syýasy guramanyň ýa-da başga bir ýurda iberilen ýörite hyzmatlaryň dürli wekili. **28.** Pýesada oýnaýanyň özüne ýa-da tomaşaçylara ýüzlenip aýdylýan sözi. **29.** Ýokary temperaturaly gaýtadan işlemek arkaly alynýan demir üstündäki inçe, açyk örtük. **31.** Oglanlaryň üç sany aşygy sülüp oýnaýan oýny. **33.** Nota. **35.** Islandiýanyň günortasynda, Selfoss şäheriniň golaýynda wulkan köli. **37.** Kaliforniýanyň günortasyndaky uly derýa Santa-.... **38.** Aýaklary uzyn, göwresi tokgaja möý. **39.** Küýze ýasaýan ussa. **40.** Harby goşunyň aýratyn bölümi. **44.** Planeta. **47.** Inkär etmek. **48.** Gymmatbaha daş. **49.** Anha, ine. **50.** Rus şahyry, ýazyjysy Aleksandr Aleksandrowiç .... **51.** Miwe. **53.** «... etdi delmuryp, Rehm etmedim bagrym erip» (Mollanepes). **54.** Afrikanyň günbatar kenaryndaky döwlet. **55.** Ulagyň bir görnüşi. **58.** ...-kamary ýyl hasaby. **60.** Bakja ekini. **62.** «Myhmanyň öňünde ... goý, iki elini boş goý» (nakyl). **63.** Gadymy rimiň ilaty. **65.** Adamkärçilikli, salyhatly, edep-ekramly. **67.** Patyşa, soltan. **68.** Baglaýjy kömekçi. **69.** Türkmen halk ýazyjysy ... Gowşudow. **70.** Çörek. **71.** ...-daş. **72.** Müsüriň paýtagty. **73.** Suwly ýap, salma. **74.** Himiki element. **75.** Arktikanyň deňizlerinde ýaşaýan deňiz jandary.

## 29-njy KROSSWORD

**Arslan DURDYÝEW,** *Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallymy.*

S/B: 407122502520
ÄLEM KITAP
DAŞARY ÝURT DILLERINI ÖWRENMEK ÜÇIN
KITAPLAR
elektron kitaplar • audio kitaplar • wideo okuwlar
Dükan 1: Tel: 22 03 70
Aşgabat şäheriniň N.Andalyp köçesiniň 40-njy jaýy, «Bägül» restorany binasynyň 2-nji gaty
Dükan 2: Tel: 10 26 38
Aşgabat şäheriniň Görogly köçesiniň «Aşgabadyň Yalkymy» söwda merkeziniň 2-nji gaty
www.alemkitaptm.com

# ILKINJI ÝEŇIŞ, ILKINJI DEŇLIK WE ILKINJI ÇÄRÝEK FINAL





Özbegistanda dowam edýän 23 ýaşa çenlileriň arasyndaky Aziýa Kubogy ýaryşynda (U-23) ildeşlerimiz çärýek finala çykmagy başardy. Ilkinji gezek gatnaşýan Türkmenistanyň ýaşlar ýygyndysy toparçadaky duşuşyklarynda üstünlikli çykyş etdi. Türkmen futbolçylary toparçadaky 1-nji oýnunda ýer eýelerinden 1–0 asgyn geldi. Özbegistana ýeňiş getiren ýeke-täk goly 75-nji minutda penaltiden Ulugbek Hoşimow geçirdi. Ildeşlerimiz 2-nji duşuşygynda Eýranyň ýaşlar ýygyndysy bilen duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýunda türkmen futbolçylary 2–1 hasabynda ýeňiş gazandy. Duşuşygyň 8-nji minutynda Alireza Bawieh eýranlylary öňe çykardy. Bu goldan 20 minut soň, has takygy, 28-nji minutda Arzuwguly Sapargulyýewiň penaltiden geçiren goly bilen hasap deňlendi. Oýnuň 63-nji minutynda Eýranyň golunu geçiren Alireza Bawieh gyzyl kart alyp, meýdançadan çykaryldy. Duşuşygyň 80-nji minutynda Teýmur Çaryýewiň owadan urgy bilen geçiren goly ildeşlerimize ýaryşdaky ilkinji ýeňşini gazandyrdy.

Türkmenistanyň ýaşlar ýygyndysy toparçadaky soňky duşuşygynda Kataryň ýaşlar ýygyndysy bilen özara güýç synanyşdy. 1-nji ýarymy golsuz geçen oýnuň 2-nji ýarymynda 4 gol hasaba alnyp, olary 2 futbolçy öz atlaryna ýazdyrdylar. Gollaryň ikisini ilki katarlylar geçirmegi başardy. Ýagny garşylyklaýyn hüjümlerde Ahmed Al-Tairi 8 minutyň dowamynda, 65-nji we 73-nji minutlarda Katary 2–0 öňe saýlady. Şol pursada çenli birnäçe amatly pursatlary elden gideren ildeşlerimiz ruhdan düşmän dessine hasaby deňlemegiň hötdesinden geldi. Oýna ätiýaçdan giren Begençmyrat Myradow 7 minutda, has takygy, 75-nji we 82-nji minutlarda tapawutlanyp, hasaby deňlemegi başardy. Duşuşyk 2-2 hasabynda deňlikde tamamlandy. Netijede, 4 utuk toplan türkmenistanly futbolçylar toparçada 7 utukly Özbegistandan soň ikinji ýeri eýeläp, ilkinji gezek gatnaşýan ýaryşynda çärýek finala çykdy. Türkmenistanyň ýaşlar ýygyndysy çärýek finalda «B» toparçanyň lideri Awstraliýanyň ýaşlar ýygyndysy bilen duşuşar. Duşuşyk şenbe güni – 11-nji iýunda 18:00-da oýnalar. Çärýek finalda Özbegistanyň ýaşlar ýygyndysy «B» toparçada 2-nji ýeri eýelän Yragyň ýaşlar ýygyndysy bilen duşuşar.

«A» toparçanyň duşuşyklary:
**Eýran—Katar: 1–1** (Şahriari 90 — Al-Ganehi 87), **Özbegistan—Türkmenistan: 1–0** (Hoşimow 75 p); **Türkmenistan—Eýran: 2–1** (Sapargulyýew 28 p, Çaryýew 80 — Bawiýeh 8), **Katar—Özbegistan: 0–6** (Jaloliddinow 5, Erkinow 20, Norçaýew 45+1, Hoşimow 60, Aýman 63 ö.d., Jiýanow 67); **Katar—Türkmenistan: 2–2** (Al-Tairi 65, 73 — Myradow 75, 82), **Özbegistan—Eýran: 1-1** (Jurakuziýew 22 – Ýousefi 62).

# Ýer eýeleri - Kataryň ýygyndysy

Dünýä Kubogyna tarap

**Ýene-de 5 aý töweregi wagtdan Aziýa yklymynda, Katarda Ýer şarynyň iň uly ikinji sport baýramçylygy hasaplanýan futbol boýunça Dünýä Kubogy geçiriler. Oňa gatnaşýan 32 ýygyndynyň 30-sy belli bolup, galan 2-si hem geljek hepdäniň dowamynda kesgitlener. Biz bolsa gazetimizde, yzygiderli ýagdaýda ýaryşa gatnaşýan ýygyndylar barada gysgaça maglumat bermegi we ilki bilen çempionaty guraýjy, ýer eýeleri Kataryň ýygyndysyndan başlamagy makul bildik.**

1971-nji ýylda garaşsyz bolan Kataryň futbol federasiýasy 1960-njy ýylda esaslandyrylýar. 1970-nji ýylda FIFA-nyň agzalyna kabul edilen Kataryň ýygyndysy Argentina — 1978 Dünýä Kubogyndan bäri saýlama tapgyrlaryna gatnaşyp gelýär. Ilkinji gezek Dünýä Kubogyna gatnaşýan Kataryň ýygyndysy mundan ozal irki ýyllarda saýlama oýunlarynyň ilkinji tapgyrlaryndan yzyna gaýdýardy. Olaryň mundan öň Dünýä Kubogyna golaýlan ýyly 1990-njy ýyl bolupdy. Şonda Aziýa yklymynyň saýlama oýunlarynyň final böleginde Koreýa Respublikasyndan hem-de BAE-den soň 3-nji ýeri eýeläpdi. Soňky ýyllarda Aziýadan gatnaşýanlaryň sanynyň köpelmeginiň hem olara oňyn täsiri bolmady. Zolagyň saýlama tapgyrynyň final toparçasyna çyksa-da, hemişe Koreýa Respublikasyndan, Eýrandan, Awstraliýadan, Saud Arabystanyndan, Ýaponiýadan yza galdy. Netijede, ýer eýesi hökmünde (Dünýä Kubogyna gatnaşmagyň iň aňsat usuly) Katar ilkinji gezek iň uly futbol baýramçylygyna gatnaşar. Gatnaşmak bilen çäklenmän ýaryşy guraýjy hökmünde çykyş eder.



Kataryň ýygyndysyna şu wagta çenli aglaba braziliýaly hünärmenler tälim berdi. Olardan Dino Sani, Sebastio Lazaroni, şeýle-de fransiýaly meşhur tälimçi Bruno Metsu, urugwaýly Horge Fossati ýaly tälimçiler bellenmäge mynasypdyr. Kataryň ýygyndysyna häzirki wagtda ispaniýaly Feliks Sançes tälim berýär. 2017-nji ýylda bu wezipä bellenen tälimçiniň öňünde goýlan esasy maksat özlerinde geçiriljek Dünýä Kubogynda üstünlik gazanmakdyr. Ýurduň federasiýasy, şol sanda tälimçi bu ugurda öňegidişlikler gazanyp, 2019-njy ýylda Aziýa Kubogynda taryhy çempionlyga eýe boldy.



Ýygyndyny düzýän ähli oýunçy-da Kataryň çempionatynda çykyş edýän futbolçylar bolup, çempionatdaky legionersiz toparlaryň biri bolar. Derwezeçi Saad Al Şib, goragçylar Ro-Ro (asly portugaliýaly), Abdelkarim Hassan, Bualem Houkhi, Tarek Salman, ýarymgoragçylar Abdulaziz Hatem, Ali Assadalla, Karim Bodiaf, hüjümçiler Almoez Ali, Akram Afif, Hassan Al-Haýdos, Muhammed Muntari ýygyndynyň esasy ýyldyzlary hasaplanýar. Toparyň iň esasy ýyldyzy bolsa 25 ýaşyndaky hüjümçi Almoez Ali bolup, 72 oýunda 39 gol geçirdi. Ali Aziýa Kubogy 2019-yň iň netijeli futbolçysy bolupdy. Asly sudanly bolan oýunçy Ali Awstriýanyň LASK futbol klub akademiýasynyň uçurymydyr.

Kataryň ýygyndysynda iň köp gol geçiren futbolçy Mubarak Mustafa (1992—2004) bolup, ol 85 oýunda 41 gezek tapawutlandy. Almoez Aliniň ony geçmegine garaşylýar.

Ýygyndyda iň köp çykyş eden futbolçy Hassan Al-Haýdos bolup, ol 163 duşuşykda milli topary köýnekçesini geýdi. Ol gol geçirmekde-de 4-nji ýerde barýar (33 gol).

Kataryň ýygyndysynyň şu wagta çenli gazanan 6 kubogy bolup, olaryň iň abraýlysy 2019-njy ýylda Aziýa Kubogydyr. Şol sanda Aziýa oýunlarynda 1, Arap Pars aýlagy kubogynda 3 hem-de Günbatar Aziýa çempionatynda 1 gezek ýeňiji boldy.



Dünýä Kubogynyň saýlama tapgyrynyň çäginde 108 duşuşyk (50 ýeňiş, 22 deňlik, 36 ýeňliş, 178—110 gol) geçiren Kataryň ýygyndysy ilkinji oýnuny 1970-nji ýylda Bahreýn bilen geçirýär. Şonda topar 2–1 hasabynda utulýar. Toparyň iň uly hasaply ýeňşi 2015-nji ýyldaky Butan bilen geçirilen duşuşykdy. Şonda katarlylar garşydaşynyň derwezesinden jogapsyz 15 gol geçirýär. Iň uly hasaply ýeňlişi bolsa Kuweýtden 9–0 utulan duşuşygydyr (1973).

Aziýa Kubogyna 10 gezek gatnaşan Kataryň ýygyndysynyň FIFA tarapyndan geçen ýyl Katarda geçirilen Pars aýlagy kubogy ýaryşynda üçünji ýeri eýelemegi olary azda-kände gynandyrdy.

FIFA-nyň sanawynda 51-nji orunda barýan Kataryň ýygyndysy Dünýä Kubogyny guraýjy ýurt bolsa-da, ýaryşyň fawoRiti däldigi hemmä mälim. Köpler Katary Günorta Afrikadan soň toparçadan çykyp bilmejek ýer eýesi hökmünde görýän bolsa-da, katarlylar – tälimçi, futbolçylar, degişli ýolbaşçylar we ýerli halk çempionatyň özleri üçin şowly geçjegine uly ynam, umyt bildirýärler. Olar iň bolmanda toparçadan çykyp, 1/8 finala, hatda bolup bilse, çärýek finala çenli hem gelmegi arzuw edýärler. Bu arzuwyň hasyl bolup-bolmajagyna ýene-de 160 günden başlajak XX Dünýä Kubogynda göz ýetireris.



# UEFA MILLETLER LIGASYNDA TÄZE MÖWSÜM



UEFA Milletler Ligasynda täze möwsüme badalga berlip, toparlar öz ligalarynda eýýäm 2 duşuşyk geçirdiler. «A» Liga 1-nji toparçada kubogyň soňky eýesi Fransiýanyň ýygyndysy öz meýdançasynda Daniýadan 2–1 asgyn geldi. Benzemanyň (51) goly bilen öňe geçen fransuzlar Korneliusyň (68, 88) gollaryna çäre tapyp bilmedi. Fransiýanyň ýygyndysy 2-nji duşuşygynda myhmançylykda Horwatiýa bilen 1–1 deňme-deň oýnady. Germaniýaly Ralf Ragnik Awstriýanyň milli ýygyndysynyň tälimçisi hökmünde ilkinji duşuşygynda myhmançylykda Horwatiýany 3–0 ýeňdi. Awstriýanyň ýygyndysy öz meýdançasynda bolsa Daniýadan 2–1 asgyn geldi.



«A» Liga 2-nji toparçada Ispaniýa bilen Portugaliýa utuklary paýlaşdylar (1–1, Morata 25 — Horta 82). Şweýsariýany 2–1 ýeňen çehler öz meýdançasynda Ispaniýa bilen 2–2 hasabynda deňme-deň oýnadylar. Ispanlar soňky minutda ýeňlişden halas boldular (Peşek 4, Kuhta 66 — Gawi 45+3, Martines 90). Portugaliýanyň ýygyndysy bolsa Şweýsariýadan 4–0 üstün çykdy (Karwalýo 15, Ronaldo 35, 39, Kanselo 68). Duşuşykda Ronaldo 2 gezek tapawutlanyp, milli ýygyndydaky gollarynyň sanyny 117-ä ýetirdi.

«A» Liga 3-nji toparçada Italiýa bilen Germaniýanyň ýygyndylarynyň özara oýny 1–1 hasabynda deňme-deň gutardy (Pellegrini 70 — Kimmih 73). Wengriýa öz meýdançasynda Angliýany Soboslainiň 66-njy minutda penaltiden geçiren goly esasynda 1–0 ýeňdi. Wengerler 60 ýyldan soň Angliýany ilkinji gezek ýeňmegi başardy. Angliýany soňky gezek 1962-nji ýylda Dünýä Kubogynda 2–1 hasabynda ýeňlişe sezewar eden wengerlere şondan bäri 15 oýunda iňlisleri ýeňmek başartmady. Germaniýa bilen Angliýanyň arasyndaky oýun 1-1 deňlikde tamamlandy. Iňlisleriň hasaby deňlän goluny 88-nji minutda Harri Keýn penaltiden geçirdi. Ol 71-nji duşuşygynda 50-nji goluny geçirip, Weýn Runiniň rekordyna (53 gol) ýene bir ädim golaýlady. Italiýa bolsa öz meýdançasynda Wengriýany 2–1 ýeňdi (Barella 30, Pellegrini 45 — Mançini 61 ö.d.).



«A» Liga 4-nji toparçada Polşa Uelsden 2–1 üstün çykdy. Niderlandlar bolsa Belgiýany myhmançylykda 4–1 hasabynda ýeňmegi başardy. Niderlandlar Belgiýany şu asyra geçip, ilkinji gezek ýeňlişe sezewar etdi. Belgiýa 2-nji duşuşygynda Polşadan 6–1 üstün çykyp, 1-nji oýundaky ýeňlişiň öwezini doldy. Duşuşykda Trossard 2 gol geçirdi. Niderlandlar myhmançylykda Uels bilen duşuşyp, soňky minutlarda hasaby deňletseler hem, ahyrynda ýeňiş gazanmagy başardy (Norrington-Dewis 90+2 — Koopmeiners 50, Weghorst 90+4).

# «ROLAN GARROS» DIÝMEK NADAL DIÝMEK

Tennis boýunça ýylyň 2-nji «Uly tuwulga» ýaryşy – «Rolan Garros» («Fransiýa Açyk») bäsleşigi tamamlandy. Iki hepdeläp dowam eden ýaryşda erkekleriň arasynda Rafael Nadal, zenanlardan Iga Şwentek ýeňiş gazandy. Umumy baýrak gaznasy 43 million ýewro deň bolan ýaryşda ýeňijilere aýratynlykda 2,2 million ýewro pul sylagy berildi.



Erkekleriň arasyndaky finalda ispaniýaly Rafael Nadal bilen norwegiýaly Kasper Ruud duşuşdy. 2 sagat 18 minutlap dowam eden duşuşykda Nadal garşydaşyny 1-2-nji setde 6:3 hasaplar bilen ýeňdi. 3-nji setde ýeke oýun hem bermän 6:0 ýeňiş gazanan Nadal «Rolan Garrosdaky» 14-nji çempionlygyna mynasyp boldy. «Uly tuwulgalardaky» 30-njy finalynda 22-nji kubogyny asmana göteren Nadal 20 «Uly tuwulga» gazanan serbiýaly Nowak Jokowiç hem-de şweýsariýaly Rojer Federerden 2 çempionlyk öňe saýlandy. Bu onuň toýunsow meýdançadaky 63-nji, umumylykda karýerasy boýunça-da 92-nji kubogy boldy. 3-nji iýunda 36 ýaşyny dolduran Nadal «Rolan Garrosda» çempionlyk gazanan iň ýaşuly tennisçi hökmünde hasaba alyndy. Bir «Uly tuwulgada» iň köp çempionlyk gazanan tennisçi rekordyny ösdüren Nadal «Fransiýa Açykda» şu wagta çenli geçiren 115 duşuşygynda diňe 3 gezek ýeňildi. Ol «Rolan Garrosda» 2005-nji ýylda 19 ýaşyndaka finalda Mariano Puertany ýeňip, ilkinji kubogyny alypdy. 2006-2007-2008-2011-nji ýyllarda Rojer Federeri, 2010-njy ýylda Robin Söderlingi, 2012-2014-2020-nji ýyllarda Nowak Jokowiçi, 2013-nji ýylda Dawid Ferreri, 2017-nji ýylda Stanislas Wawrinkany, 2018-2019-njy ýyllarda Dominik Timi hem-de 2022-nji ýylda-da Kasper Ruudy ýeňdi. Ispaniýaly tennisçi, «Fransiýa Açykda» ilkinji gezek 2009-njy ýylda 4-nji tapgyrda şwesiýaly Söderlingden ýeňlipdi. Ondan soň 2015-nji ýylda çärýek finalda, 2021-nji ýylda-da ýarym finalda Jokowiçden asgyn geldi. 2005-nji ýyldan bäri geçirilen 18 ýaryşyň 14-sinde kubogy alan Nadal 2016-njy ýylda 3-nji tapgyrda şikesi sebäpli ýaryşdan çekilipdi. Nadal karýerasy boýunça ilkinji gezek bir möwsümde ilkinji 2 «Uly tuwulga» kubogyny gazandy.

## Durzup bolmaýan Şwentek

**Zenanlaryň arasyndaky final 1 sagat 8 minutlap dowam etdi. Polşaly Iga Şwentek bilen amerikaly Koko Gauffyň arasyndaky finalyň 1-nji setinde ýewropaly tennisçi 6:1 hasabynda üstün çykdy. 2-nji setde 6:3 hasabynda öňe saýlanan 21 ýaşyndaky Iga Şwentek 2020-nji ýyldan soň 2-nji «Rolan Garros» çempionlygyny gazandy. Şwentek 2020-nji ýylyň finalynda başga bir amerikaly Sofiýa Kenini ýeňipdi. Şu möwsümde yzly-yzyna 6-njy, karýerasy boýunça-da 9-njy kubogyny asmana göteren Şwentek 35 duşuşykdan bäri ýeňilmän gelýär. Iň soňky gezek amerikaly Serena Williams 2000-nji ýylda yzly-yzyna 35 duşuşykda ýeňiş gazanypdy.**

**Şteffi Graffdan soň «Uly tuwulgada» finala çykan iň ýaş tennisçi adyny alan Koko Gauff duşuşykdan soň Şwentegi mähirli gutlady.**





## Messiniň 5 goly

Ispaniýada oýnalan ýoldaşlyk duşuşygynda Argentinanyň ýygyndysy Estoniýadan 5-0 üstün çykdy. Duşuşykda 5 goly hem Lionel Messi öz adyna ýazdyrdy. Super ýyldyz duşuşygyň 8-nji, 45-nji, 47-nji, 71-nji hem-de 76-njy minutlarynda tapawutlanyp, milli ýygyndydaky ilkinji penta-trigini etdi. Ol karýerasy boýunça 2-nji gezek bir duşuşykda 5 gol geçirdi. Şol bir wagtyň özünde 56-njy het-trigini eden Lionel Messiniň milli ýygyndydaky gollarynyň sany 86-a ýetdi (162 oýunda). Ol bu ugurda Ferens Puşkaşdan öňe saýlandy. Messiden öňde malaýziýaly Mohtar Dahari (89 gol, 142 oýun), eýranly Ali Daei (109 gol, 148 oýun) hem-de portugaliýaly Kristiano Ronaldo (117 gol, 188 oýun) bar. Estoniýanyň ýygyndysy Messiniň gol geçiren 30-njy ýygyndysy boldy (51 ýygyndy). Umumylykda Messiniň gol geçiren toparlarynyň sany 118-e ýetdi.

## Bir sözlemde...

- NBA-nyň finalynda «Boston Seltik» bilen «Golden Steýt Warriorsyň» arasyndaky 3-nji duşuşyk Bostonda oýnalyp, ýer eýeleri 116:100 hasabynda ýeňiş gazandy we umumy hasapda 2:1 öňe saýlandy (1-nji oýunda «Boston» 120:108, 2-nji oýunda «Golden Steýt» 107:88 hasabynda ýeňiş gazanypdy).
- Ispaniýanyň çempiony «Real Madrid» topary «Çelsidäki» şertnamasy tamamlanan 29 ýaşyndaky germaniýaly goragçy Antonio Rudiger bilen 4 ýyllyk şertnama baglaşdy (ýyllyk 10 million ýewro berer).
- Angliýanyň «Tottenham» topary «Inter» bilen şertnamasy tamamlanan 33 ýaşyndaky horwatiýaly Iwan Perişiçi 2 ýyllyk şertnama bilen düzümine goşdy.
- Ispaniýanyň «Walensiýa» topary 44 ýaşyndaky italiýaly Jennaro Gattuzony tälimçilige belläp, onuň bilen 2 ýyllyk şertnama gol çekişdi (ýyllyk 3 million ýewro hak alar).

# KUARTARARO ARANY AÇÝAR

Moto GP boýunça möwsümiň 9-njy ýaryşy Ispaniýanyň Montmelo şäherindäki «Barselona-Katalunýa» trassasynda geçirildi. 24 aýlawdan ybarat bolan bäsleşikde «Monster Energy Yamaha» toparynyň fransuz sürüjisi Fabio Kuartararo ýeňiji boldy. Ol 40 minut 29,360 sekuntda pellehanadan geçip, möwsümdäki 2-nji, karýerasyndaky 10-njy ýeňşini gazandy. Ýaryşda 2-3-nji ýerleri «Ducati Pramac» toparynyň sürüjileri eýeledi. Ýeňijiden 6,473 sekunt yza galan ispaniýaly Horge Martin 2-nji, 8,385 sekunt soň pellehana gelen fransiýaly Ýohann Zarko 3-nji orna mynasyp boldy. «Aprilia» toparynyň ispaniýaly sürüjisi Aleiks Espargaro 1-nji orunda barýarka, ýeňiş gazanandyryn öýdüp tizligini peseltdi. Ýaryşyň dowam edýändigini gijräk aňyp, täzeden tizligini artdyrsa-da, ol 5-nji ýer bilen oňňut etmeli boldy.



Çempionlyk ugrunda göreş alyp barýan italiýaly sürüjiler – Enea Bastianini («Ducati Gresini») bilen Françesko Banaia («Ducati Lenova») irki aýlawlarda awariýa uçrap, ýaryşy tamamlap bilmediler.

Geçirilen 9-njy ýaryşdan soň utugyny 147-ä çykaran Fabio Kuartararo arany az-owlak açyp başlady. 2-nji ýerdäki Aleiks Espargaronyň 125, 3-nji orundaky Enea Bastianiniň 94 utugy bar. Utugyny 91-e çykaran Ýohann Zarko 81 utukda galan Françesko Banaiadan öňe geçdi.

Möwsümiň 10-njy ýaryşy 19-njy iýunda Germaniýanyň Hoenştaýn-Ernstall şäherinde geçiriler.

# TANAKYŇ 15-nji ÝEŇŞI

Dünýä Ralli çempionatynda (WRC) möwsümiň 5-nji ýaryşy Italiýanyň Sardiniýa adasynda geçirildi. 21 tapgyrdan ybarat bolan 307,91 kilometrlik bäsleşikde «Hyundai Shell Mobis» toparynyň estoniýaly sürüjisi Ott Tanak 1-nji ýeri eýeledi. Ol 3 sagat 10 minut 59,1 sekuntda pellehana gelip, şu möwsümdäki 1-nji, karýerasyndaky 15-nji ýeňşini gazandy. Tanak karýerasyndaky ilkinji ýeňşini hem 2017-nji ýylda Sardiniýa adasynda gazanypdy. Ýeňijiden 1 minut 03 sekunt giç gelen britaniýaly Kreýg Brin («M-Sport Ford») 2-nji, şeýle-de 1,33 sekunt soň pellehanadan geçen ispaniýaly Dani Sordo («Hyundai Shell Mobis») 3-nji orna mynasyp boldy. Sanawyň lideri Kalle Rowanpera ýaryşy 5-nji orunda tamamlady.



Dünýä Ralli çempionatynda tamamlanan 5-nji ýaryşdan soň «Toyota Gazoo» toparynyň fin sürüjisi Kalle Rowanpera 120 utuk bilen öňdeligini saklaýar. «Hyundai Shell Mobis» toparynyň belgiýaly sürüjisi Tierri Noýwilliň 65 utugy bar. Soňky ýaryşyň ýeňijisi Ott Tanak utugyny 62-ä ýetirip, 3-nji orna beýgeldi.

Möwsümiň 6-njy Rallisi 23-26-njy iýun aralygynda Keniýada geçiriler.

# Uelsiň ýygyndysy 64 ýyldan soň Dünýä Kubogyna gatnaşar

Katar 2022 Dünýä Kubogyna Ýewropadan gatnaşjak soňky ýygyndy hem belli boldy. UEFA Pleý-off «A» toparçasynyň finalynda Uels bilen Ukrainanyň ýygyndylary duşuşdy. Mälim bolşy ýaly, Ukrainanyň ýygyndysy ýarym finalda Şotlandiýany 3–1 ýeňipdi. Kardiff şäherinde oýnalan duşuşyk diýseň çekeleşikli geçip, ýer eýeleri Uels 1–0 hasabynda ýeňşini baýram etdi. Ýeke-täk goly 33-nji minutda Garet Beýliň ýerine ýetiren jerime urgusynda Andreý Ýarmolenko topy ýalňyşlyk bilen (kelle urgusy) öz derwezelerinden geçirdi. Bu goldan soň ýer eýeleri hasaby artdyrjak bolup, myhmanlar hasaby deňlejek bolup, tagalla baryny etselerem, hasap üýtgemedi. Netijede, 1-0 hasabynda ýeňiş gazanan Uels 64 ýyldan soň Dünýä Kubogynda çykyş etmäge hukuk gazandy. Britan adasynyň wekili soňky gezek 1958-nji ýylda Şwesiýada geçirilen Dünýä Kubogyna gatnaşypdy. Uelsiň 64 ýyldan soň Dünýä Kubogyna gatnaşmagy rekorda deň bolup, ondan öňde 2 ýaryşyň arasynda şeýle köp wagtlap garaşan topar häzirlikçe ýok.





Uelsiň ýygyndysy Dünýä Kubogynda «B» toparçada Angliýanyň, Eýranyň hem-de ABŞ-nyň ýygyndylary bilen duşuşar.



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

S/B: 204122504595

# AKGAÝA
GURLUŞYK HARYTLARY

## Türkmenistandaky gurluşyk we hojalyk harytlarynyň IŇ IRI SÖWDA MERKEZLER TOPLUMY

«Ak Gaýa» Türkmenistanyň paýtagtyndaky iň uly dükanlaryň biri bolup, hojalyk we gurluşyk harytlarynyň köp görnüşini, şol sanda öz söwda bellikleri bilen elýeterli bahadan harytlary hödürleýär.

«Ak Gaýa» dükanynyň esasy ugry lomaý we bölek söwda bolup durýar.

Dükanda ýörite bölüm tarapyndan hiline gözegçilik edilýän harytlar hödürlenýär. Islendik önüm tekjelere çykarylmazdan ozal, müşderilerimizi begendirmek üçin ýörite saýlanýar.

Biz diňe bir harytlaryň hili barada däl, eýsem, bahalary barada-da alada edýäris, ýurdumyzyň bazaryndaky ýagdaýlara we isleglere yzygiderli gözegçilik edýäris. Bu bolsa, harytlaryň bahalaryny müşderilerimiziň bähbidine görä sazlamaga mümkinçilik berýär.

Alyjylaryň sany yzygiderli artýar, ýöne olaryň hersiniň öz isleglerini, mümkinçilikleriniň we zerurlyklarynyň bardygyny göz öňünde tutýarys. Şonuň üçin dükanda islendik isleg hem-de mümkinçilik üçin harytlar hödürlenýär. Olaryň arasynda biz aşakdakylary aýratyn belläp bileris:

- ***Durmuş tehnikalary***
- ***Ýumşak mebeller***
- ***Howly üçin mebeller***
- ***Çagalar üçin we ýatylýan otag mebelleri***
- ***Aşhana mebelleri***
- ***Sport bilen meşgullanmak üçin niýetlenen harytlar***
- ***Balyk tutmak üçin niýetlenen harytlar***
- ***Welosipedler***
- ***Himiki serişdeler***
- ***Gurluşyk materiallary***
- ***Lýustralar we yşyklandyryş enjamlary***
- ***Güller***
- ***Küýzeler***
- ***Howly we baglar üçin harytlar***
- ***Gapylar***
- ***Penjireler***
- ***Santehnika***
- ***Sowgatlyklar***



Şeýle hem «Ak Gaýa» dükanynda harytlaryň köp görnüşi elýeterli bolup, biziň müşderilerimiz hyzmatlarymyzdan hem-de dükanyň çäginde iş alyp barýan hyzmatdaşlarymyzyň hyzmatlaryndan peýdalanyp bilerler.

- ***Penjireleriň sargydy***
- ***Dizaýn we taslama düzmek***
- ***Gurluşyk hyzmatlary***
- ***Enjamlary gurnamak***
- ***Sargytlar esasynda ýörite mebelleri taýýarlamak***
- ***Howlyny beton küýzeler bilen bezemek***
- ***Tikinçilik***
- ***Şeýle hem aragatnaşyk we kofe üçin töleg.***

Ähli müşderilerimiz üçin dükanda arzanladyş ulgamy hereket edip, wagtal-wagtal arzanlaşyklar geçirilip durulýar.

Diňe «Ak Gaýa» dükanynda ähli arzuwlaryňyzy amala aşyryp bilersiňiz hem-de arzuw eden zatlaryňyzy elýeterli bahadan satyn alyp bilersiňiz.

Dükanda satuw geňeşçilerimiz size hemişe kömek ederler, olar wagtal-wagtal okuw kurslaryny geçýärler hemde üpjün edijilerden täze önümleri öwrenýärler.

Şeýle hem ähli töleg mümkinçiliklerimiz bar: nagt, pul geçirmek, kart arkaly.

Uly göwrümli harytlaryň eltilmegi barada alada etmäň, biz olary abat ýagdaýda we öz wagtynda size ýetireris.













# GADYRLY OKYJYLAR!

***«Zaman-Türkmenistan» gazetine 2022-nji ýylyň II ýarym ýyllygy üçin abuna ýazylyşygy dowam edýär. Gazetimize ýazylmak üçin «Türkmenpoçta» poçta aragatnaşyk kompaniýasynyň islendik şahamçasyna ýüz tutup bilersiňiz!***

**INDEKSI 69477.**

*Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!*



# BILDIRIŞLER

Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Ýuridik şahslary we maýa goýum taslamalary döwlet tarapyndan bellige almak bölümi tarapyndan 25220395 sanaw belgisi bilen 13.05.2022-nji ýylda bellige alnan «Günortagurnaýyşgurluşyk» hojalyk jemgyýetiniň guramaçylyk-hukuk görnüşiniň üýtgäp, mundan beýläk «Günortagurnaýyşgurluşyk» hususy kärhanasyna öwrülýändigini mälim edýäris.

***

S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň Türkmenabat agrosenagat orta hünär okuw mekdebi tarapyndan Joraýewa Ogulsenem Abdyýewna 04.07.2013-nji ýylda berlen 209 belgili wagtlaýyn şahadatnamanyň ýitirilendigi sebäpli, ony güýjüni ýitiren diýip hasap etmeli.